TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– TÄZE ÝYL ABADANÇYLYGYŇ, RYSGAL-BEREKEDIŇ ÝYLY BOLSUN!
MAŞGALA OJAKLARYŇYZA AGZYBIRLIK, DÖWLETLILIK ÝAR BOLSUN!

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
2-nji ýanwar, 2026. Belgisi 1/1671



# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWYŇ TÜRKMEN HALKYNA TÄZE ÝYL GUTLAGY

**Eziz watandaşlar!**

2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly tamamlanyp barýar. Ýene az salymdan täze – 2026-njy ýyly garşylarys.

2026-njy ýyl – Gündogar müçenamasy boýunça ýylky, ýagny bedew ýyly. Türkmen halky öz arzuwlaryny, belent maksatlaryny ahalteke bedewleri bilen baglanyşdyrýar. Ahalteke bedewi biziň buýsanjymyzdyr, şöhratymyzdyr.

2025-nji ýyl Garaşsyz Watanymyzyň täze taryhynda halkymyzyň durmuşyny üstünliklere beslän ýyllaryň biri boldy. Bu ýyl türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň döwletli tutumlary, taryhy başlangyçlary has-da rowaçlandy. Ýurdumyzy gülledip ösdürmäge, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilen maksatnamalar üstünlikli durmuşa geçirildi.

Berkarar döwletimizi durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek maksady bilen, täze etraplar döredildi. Diýarymyzyň ähli ýerlerinde döwrebap mekdepler, çagalar baglary, saglygy goraýyş, sport desgalary, medeniýet edaralary, önümçilik binalary, başga-da köp sanly desgalar ulanmaga berildi. Bagtyýar maşgalalaryň müňlerçesi täze jaýly bolmak bagtyna eýe boldy.

Ýangyç-energetika toplumyna degişli iri taslamalar durmuşa geçirildi. Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň nebit we nebit önümleri guýulýan gämi duralgasy işe girizildi. Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň esasy tapgyry bolan Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat – Hyrat gaz geçirijisiniň Owganystanyň Hyrat welaýatyna barýan böleginiň gurluşygyna badalga berildi.

Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda Bäherden keramiki önümler kärhanasy, paýtagtymyzda çüýşe önümlerini öndürýän kärhana, Balkan welaýatynyň Esenguly etrabynda agyz suw arassalaýjy desga, Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän awtomobil köprüsi ulanmaga berildi. Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherindäki himiýa zawodynda mineral dökünleri öndürýän toplumyň, Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynda karbamid öndürýän toplumyň gurluşygyna badalga berildi. Türkmenbaşy – Garabogaz – Gazagystan serhedi awtomobil ýolunyň gurluşygyna hem girişildi. Şeýle hem Aşgabat şäherinde «Güneşli» çagalar we ýetginjekler merkeziniň gurluşygyna badalga berildi.

Şu ýyl ýurdumyzyň Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynda Döwletli mekan, Kaka etrabynda Bagtly zamana atly täze, döwrebap obalar açylyp ulanmaga berildi. Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynda häzirki zaman Bitaraplyk şäherçesi dabaraly ýagdaýda açyldy. Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurluşygy dowam etdirildi. Ýurdumyzda döwrebap obalaryň, häzirki zaman ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy hem dowam edýär. Bularyň ählisi «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen şygarymyzyň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini görkezýär.

**Eziz watandaşlar!**

Oba hojalyk pudagynda geçirýän özgertmelerimiz hem rowaçlyklara beslenýär. Edermen daýhanlarymyz Watan harmanyna 1 million 400 müň tonnadan gowrak ýokary hilli bugdaý hasylyny tabşyryp, şertnamalaýyn borçnamany üstünlikli ýerine ýetirdiler. Ýygnalan bol galla hasyly mähriban halkymyzyň, berkarar Watanymyzyň baýlygydyr, saçaklarymyzyň rysgal-berekedidir. Geljekde hem oba zähmetkeşlerini ykdysady taýdan höweslendirmek, pudagyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek boýunça netijeli çäreleri durmuşa geçireris.

Ýurdumyzyň nebitgaz, ulag-aragatnaşyk we söwda toplumlarynda hem köp işler amala aşyrylýar. Bu toplumlar berkarar döwletimiziň gazanýan ösüşlerine mynasyp goşant goşýarlar.

**Eziz watandaşlar!**

Halkymyzyň saglygy, abadan we bagtyýar durmuşy biziň alyp barýan döwlet syýasatymyzyň möhüm ugry bolup durýar. Tamamlanyp barýan ýylda Aşgabat şäherinde köpugurly hassahananyň, Ahal welaýatynyň Tejen şäherinde köpugurly hassahananyň, şeýle hem Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkeziniň gurluşygyna badalga berildi. Ynsan saglygyny goramak boýunça alyp barýan işlerimizi geljekde hem dowam etdireris.

Ylym we bilim ulgamlarynda hem netijeli özgertmeler durmuşa geçirildi. Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň döwrebap okuw binalar toplumy, Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň binalar toplumy we başga-da köp sanly bilim maksatly desgalar açylyp ulanmaga berildi.

Ýaş nesillerimizi sport bilen meşgullanmaga giňden çekmek, ýurdumyzyň halkara sport abraýyny has-da belende götermek ugrunda hem uly işleri alyp barýarys. Şu ýyl «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary Monte-Karlo halkara festiwalynda baş baýraga mynasyp boldy. «Arkadag» futbol topary hem halkara ýaryşda ýeňiş gazanyp, ýurdumyzyň halkara sport abraýyny has-da artdyrdy. Türgenlerimiz dünýä derejesindäki ýaryşlarda üstünlikli çykyş edip, baýrakly orunlara mynasyp boldular. Biz geljekde hem ýurdumyzda sporty ösdürmek boýunça alyp barýan işlerimizi dowam etdireris.

**Hormatly adamlar!**

Biz milli medeniýetimizi ösdürmek, mirasymyzy gorap saklamak, wagyz etmek boýunça hem giň gerimli işleri alyp barýarys. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Aşgabat şäheri ÝUNESKO-nyň öwreniji şäherleriniň bütindünýä toruna girizildi. Şeýle hem türkmen alabaý itlerini ösdürip ýetişdirmek däpleri ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi. Geçip barýan ýylda halkara derejede dürli medeni çäreler, Medeniýet günleri yzygiderli geçirildi. Geljek ýyl Medeniýet hepdeligini Balkan welaýatynda ýokary derejede geçireris.

**Eziz watandaşlar!**

Şu ýyl ýurdumyzyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Munuň özi Bitaraplyk syýasatymyzyň mynasyp dowam etdirilýändigini ýene-de bir gezek görkezdi.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli halkara derejede köp sanly çäreler geçirildi. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty ýokary derejede geçirildi. Bu ugurda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «Awaza syýasy Jarnamasy» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Şeýle hem ýurdumyzyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ulag boýunça onýyllygy (2026 – 2035-nji ýyllar)» hem-de «Durnukly ösüşi üpjün etmekde ygtybarly we durnukly energiýa birikmesiniň esasy orny» atly Kararnamalar biragyzdan kabul edildi.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen «Häzirki zaman jemgyýetinde zenanlaryň orny: Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ugrunda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek» atly halkara maslahat hem möhüm ähmiýete eýe boldy. Halkara maslahatyň jemi boýunça jemleýji resminama kabul edildi. Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli geçirilen halkara forum şanly ýylyň iň esasy wakasyna öwrüldi. Ýokary derejede geçirilen halkara forum boýunça Aşgabat Jarnamasy kabul edildi. Bu forum parahatçylyk söýüji döwlet hökmünde ýurdumyzyň abraýyny has-da belende göterdi.

**Hormatly adamlar!**

Ata Watanymyzy mundan beýläk-de ösdürmek maksady bilen, biz ýetip gelen 2026-njy ýyla «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýip at berdik. Hoşniýetli arzuw-umytlar bilen garşy alýan täze ýylymyzda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygyny belläp geçeris. Watanymyzy bagtyýarlygyň we rowaçlygyň mekanyna öwürmek ugrunda yhlas bilen zähmet çekeris.

**Eziz watandaşlar!**

Ýene az salymdan täze – 2026-njy ýyly garşy alarys. Şu pursatda siziň ähliňize berk jan saglygyny we täze üstünlikleri arzuw edýärin.

Täze ýyl abadançylygyň, rysgal-berekediň ýyly bolsun! Maşgala ojaklaryňyza agzybirlik, döwletlilik ýar bolsun!

Täze ýyl rowaçlyk, bagt getirsin!

Täze ýyl bedew bady bilen ähliňizi maksat-myrada ýetirsin!

Täze – 2026-njy ýylyňyz gutly bolsun!

## At – myrat

Gahryman Arkadagymyzyň 2026-njy ýylyň aýratyn ähmiýete eýedigi, halkymyzyň köpasyrlyk taryhynda ahalteke bedewlerine uly ornuň degişlidigi baradaky pähimlerinden ugur alnyp, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ösüşleriň belentliklerine tarap bedew bady bilen ynamly öňe barýan berkarar Watanymyzyň ähli ugurlarda gazanýan üstünliklerini dabaralandyrmak maksady bilen, üstümizdäki ýyla «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýip at berildi.



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ganatly ahalteke atlarymyz bilen bütin dünýäniň atşynaslaryna, bedew atyň muşdaklaryna tanyşmaga mümkinçilik döredildi. Halkymyz bedew atyň şanyna dessanlar düzüp, altyn-kümüş bilen bezäp bilipdir. Bedew ýaly ynsanyň ruhuna şeýle çuň aralaşyp bilen jandar ýok. Üstüne münen adamyň erkine görä hereket etmek bedewe mahsus häsiýetdir. At ýoly, daş-töweregi oňat saýgarýar. Şonuň üçin hem sport ýaryşlaryna, olimpiýa oýunlaryna gatnaşdyrylýar. ■ 3

## Türkmen Bitaraplygynyň dabaralanan ýyly

Tamamlanan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly dünýä jemgyýetçiliginiň parahatçylykly ösüşe, özara düşünişmäge we ynanyşmaga ygrarlylygynyň aýdyň beýany boldy. Geçen ýylyň dowamynda halkara gatnaşyklarynda ynsanperwer gymmatlyklary ilerletmek, döwletleriň arasynda dostlukly hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak ugrunda giň gerimli işler amala aşyryldy.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň çäklerinde dünýä jemgyýetçiligi bilen bilelikde geçirilen hemme çäreler Türkmenistanyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 2024-nji ýylyň 21-nji martynda biragyzdan kabul edilen degişli Kararnamanyň esasynda guraldy. Türkmenistanyň başlangyjy bilen 2020-nji ýylda BMG-niň çäklerinde döredilen parahatçy-



lygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary toparynyň düzüminiň yzygiderli giňemegi häzirki wagtda Bitaraplyk syýasatynyň we oňa esaslanýan köptaraplaýyn meýdançalaryň wajyp ähmiýetini görkezýär. ■ 3



### 2025-nji ýylyň esasy wakalary

2025-nji ýyl dünýä syýasatynda uly özgerişleriň, täze saýlawlaryň we taryhy sammitleriň geçirilen ýyly boldy. ■ 4

### Täze ýylyň iň soňky duralgasy

Bütin dünýäde täze ýyl uly şatlyk-şowhun bilen garşy alyndy. Adatça, Täze ýyly dünýäniň köp bölegi 31-nji dekabrda garşy alýar. ■ 5






### Ýzly-yzyna 3-nji gezek kubogy eýeledi

Türkmenistanyň çempionlygyndan soň Türkmenistanyň Kubogy ýaryşynda hem «Arkadag» topary ýeňiş gazandy. ■ 7

### Ýylyň garaşylýan filmleri - 1

Esaslandyrylanyna 130 ýyl geçen kino sungatynda her ýyl bolşy ýaly, 2026-njy ýylda-da ençeme filmler ekranlarda peýda bolar. ■ 8



# HOŞ GELDIŇ, TÄZE ÝYL, EZIZ DIÝARA!

***Halkymyz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýene-de bir möhüm sahypanyň açylýandygyny alamatlandyrýan Täze – 2026-njy ýyly uly ruhubelentlikde, ýagşy arzuw-umytlar bilen garşylady.***

Täze ýyl mynasybetli dabaralar ýurdumyzyň ähli künjegini gurşap aldy. Baýramçylyk dabaralarynyň geçirilýän ýerinde oturdylan, dürli öwüşginde ýalkym saçýan arçalaryň daşyndan bagtyýar çagalar gol tutuşyp aýlandylar. Sungat ussatlary – meşhur estrada aýdymçylary, wäşiler, tans toparlary, teatr artistleri täze aýdymlary, tansdyr sazly kompozisiýalary, dürli sahna oýunlary bilen ildeşlerimiziň baýramçylyk şatlygyny has-da artdyrdylar.

Şu günler Aşgabat şäheri has-da gözel görnüşe girip, kalbyňy joşdurýan aýratyn öwüşginler bilen haýran galdyrýar. Paýtagtymyzyň köp sanly ýaşaýjylaryny hem-de myhmanlaryny bir ýere jemlän, Täze ýyl baýramynyň esasy dabaralarynyň geçirilýän ýeri bolan «Älem» medeni-dynç alyş merkeziniň, Türkmenistanyň Döwlet sirkiniň öňündäki meýdançalaryň bezegi hemmeleriň göwnüni galkyndyrýar.

2025-nji ýylyň her bir güni türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynyň dabaralanýandygynyň, Türkmenistanyň ösüşiň belentliklerine tarap ynamly öňe barýandygynyň aýdyň güwäsine öwrülip, täze taryhy döwrümiziň ýyl ýazgysyna möhüm sahypa bolup girdi. Hususan-da, ýurdumyzyň oňyn Bitaraplyga, hoşniýetli goňşuçylyga esaslanýan daşary syýasaty üstünliklere beslendi. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň Birleşen Milletler Guramasynyň döredilmeginiň 80 ýyllygy bilen utgaşmagy, bu ýylyň ýurdumyzyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen Kararnama esasynda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi strategik hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmekde, dünýäde dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmakda, adamzadyň abadançylygynyň bähbidine halkara tagallalaryň birleşdirilmeginde möhüm tapgyr boldy.



Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Türkmenistanyň her bir güni depginli ösüşlere baý boldy. Indi ençeme ýyldan bäri ýurdumyzda jemi içerki önümiň ösüşi 6,3 göterim derejede durnukly saklanyp gelýär. Munuň özi Watanymyzyň ykdysady binýadynyň berkdiginiň, giň gerimli özgertmeleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň görkezijisidir. Şanly ýyl ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň, halkyň hal-ýagdaýynyň, durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlanýandygynyň beýanyna öwrülen iri desgalaryň açylyş we düýbüni tutmak dabaralaryna hem-de beýleki möhüm wakalara beslendi.

Täze ýyl biziň her birimiz üçin geçmişi, şu güni we geljegi, arzuwlardyr täze maksatlary bir ýere jemleýän baýramçylykdyr. Paýtagtymyzyň «Älem» medeni-dynç alyş merkezindäki ýurdumyzyň Baş arçasynyň ýanyndaky ertekiler şäherjigini Täze ýyl baýramynyň şowhuny gurşap aldy. Meýdançanyň köpöwüşginli bezegi, bu ýerde ýaňlanan aýdymdyr sazlar onuň şowhunyny has-da artdyrýar.

Meşhur aýdymçylar Watanymyzyň täze taryhy eýýamyny wasp edýän aýdym-sazlary ýerine ýetirdiler. Ähli çykyşlar ajaýyp horeografik kompozisiýalar bilen utgaşdyryldy. Munuň özi baýramçylyga aýratyn öwüşgin çaýdy.

Aşgabatdaky Täze ýyl dabarasyna teleköpri arkaly ýurdumyzyň sebitleriniň ýaşaýjylary hem goşuldylar. Paýtagtymyzy bäş welaýat hem-de Arkadag şäheri bilen baglanyşdyrýan monitorlar arkaly hormatly ýaşulular, häkimler, sebitleriň ýaşaýjylary, ýaş türkmenistanlylar döwlet Baştutanymyzy we Milli Liderimizi, ähli halkymyzy Täze ýyl baýramçylygy bilen gutladylar. Ajaýyp aýdymlar, tanslar ýerine ýetirildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ildeşlerimize Täze ýyl Gutlagy bilen ýüzlendi.

Şu dabaraly pursatda meýdançada ýygnananlaryň hemmesini, ähli türkmenistanlylary Garaşsyz Watanymyza, ýurdumyzyň häzirki gününe we geljegine bolan uly buýsanç duýgusy gurşap aldy. Sanlyja pursatdan sagadyň dilleri 12-ni görkezdi. Türkmenistanyň Döwlet senasy ýaňlandy.

Soňra baýramçylyk feýerwerki asmany bezedi. Täze – 2026-njy ýyl baýramçylyk şüweleňiniň ajaýyp pursatlary bilen durmuşymyza gadam basdy.

Goý, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly Watanymyzy ösüşleriň täze sepgitlerine ýetirsin! Täze ýylda ähli ýagşy arzuwlar hasyl bolup, hemmelere parahat we asuda durmuşyň eşreti hem-de rowaçlyk ýaran bolsun!

## Ýaşamak üçin amatly ýerler



«Henley Opportunity Index» reýtingi ýaşamak we işlemek üçin iň amatly ýerleriň sanawyny taýýarlady. Bu sanawda dünýäniň dürli ýerlerinden ýurtlar bar.

Halkara bilermenleriň taýýarlan sanawynda Şweýsariýa birinji orny eýeleýär. Bu ýurt bilim babatda hem öňdeligi eýeleýär. Aýlyk girdeji, ýaşaýşyň hili we ykdysady durnuklylyk ýaly ölçeglere görä taýýarlanan sanawda Singapur ikinji ýeri eýeleýär. Gazanç mümkinçiligi ýokary hasaplanýan ABŞ üçünji bolupdyr. Birleşen Patyşalyk we Birleşen Arap Emirlikleri ilkinji bäşlige giripdir. Awstriýa, Täze Zelandiýa, Italiýa we Kanada sanawyň öňki basgançaklarynda özüne orun tapypdyr.

**Ogulmaral SÄHETMYRADOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Iň ýokary tizlikli interneti ulanmaga berer




Häzirki wagtda Ýaponiýada ulanyjylara täjirçilik maksatly elýeter bolan internetiň iň ýokary tizligi 10 Gb/sekunt. Ýurduň «NTT East» korporasiýasy şu ýylyň mart aýyndan başlap, Tokioda 25 Gb/sekunt tizlikli internet hyzmatyny ýola goýjakdygyny mälim etdi. Şeýlelikde, ýurtda dünýäniň iň ýokary tizlikli interneti hödürlener.

Şeýle hem golaýda bu ýurtda barlaghana şertlerinde iň ýokary internet tizligi hasaba alyndy. Fiberoptik tehnologiýasy ulanylyp geçirilen synagda 1 petabit/sekunt (sekuntda 1 million gigabitden gowrak) tizlige ýetilip, bu ugurda dünýä rekordy goýuldy.

**Näzik DÖWRANOWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## Köp gatnawly howa ugurlary

**Geçen ýylda dünýäniň iň köp gatnawly howa ugurlary mälim edildi. Birinji orny Koreýa Respublikasynyň Çeju we Seul Gimpo aeroportlary eýeledi. Bu howa menzilleriniň arasynda gatnan uçarlaryň jemi orun sany 14,4 million bolupdyr. Iki şäheriň arasynda 7 awiakompaniýa iş alyp barýar.**



**Ilkinji onluga Aziýa-Ýuwaş ummany ýurtlaryndan 9 ugur giripdir. Ikinji we üçünji ugurlar Ýaponiýa degişli bolupdyr. Titeso-Tokio Haneda aralygynda jemi 12,1 million orun sany bolan gatnaw amala aşyrylypdyr. Bu görkeziji Fukuoka-Tokio Haneda aralygynda 11,5 million bolupdyr. Gonkong-Taýbeý aralygy (6,8 million orun) iň köp gatnawly halkara ugur bolupdyr.**

**Aýnur ÝUSUPOWA,**
***Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň mugallymy.***

## 2 sekuntda 700 kilometr

**Hytaýda otly tehnologiýasynda täze rekord goýuldy. Agramy 1,1 tonna bolan otly noldan 700 km/sagat tizlige bary-ýogy 2 sekuntda ýetdi. Ýurduň Milli howpsuzlyk tehnologiýasy uniwersitetiniň hünärmenleriniň geçiren synag sürüşi Daton şäherindäki 400 metrlik demir ýolda geçirildi. Otlynyň bat alşy, ýagny gysga wagtda şeýle derejede ýokary tizlige çykmagy adam bedeni üçin zyýanly bolup biler. Synag maksatly bu demir ýol ulagy gysga aralykda ýokary tizlige çykmagy, şeýle hem durmagy başardy.**



**Hytaý bu tehnologiýany «Hyperloop»-a (howasyz boşlukda hereket edýän otly) meňzeş ulgam bilen birleşdirip, 1000 km/sagat tizlik bilen hereket edýän otlulary işläp taýýarlamagy maksat edinýär. Şeýle ulgam durmuşa geçirilende, otlularyň tizligi uçaryňkydan has çalt bolar.**

**Ezizhan BEREKETOW,**
***Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.***

# ALYM ARKADAGYMYZYŇ ESERLERI – GYMMATLY GOLLANMA

Tamamlanan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda saglygy goraýyş ulgamynda taryhyň sahypalaryna altyn harplar bilen ýazylan birnäçe toplumlaýyn işler bitirildi. Geçen ýylda lukman Arkadagymyzyň başda durmagynda işlenilip düzülen, halkyň saglygyny goramakda möhüm wezipeleri öz içine alýan «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň kabul edilmegine 30 ýyl boldy. Ýurdumyzda saglygy goraýyş ulgamynda düýpli özgertmeler amala aşyryldy.

Geçen taryhy döwrüň içinde ýurdumyzda saglygy goraýyş ulgamy düýpli özgerdildi, lukmançylyk ylmy yzygiderli ösdürilip, ulgama innowasion işläp taýýarlamalar, döwrebap tehnologiýalar ornaşdyryldy, lukmançylyk hyzmatlarynyň netijeliligi, elýeterliligi we hili ýokarlandyryldy, aýratyn hem, sagdyn durmuş ýörelgelerini rowaçlandyrmak, beden we ruhy taýdan sagdyn nesilleri terbiýelemek boýunça ýokary netijeler gazanyldy.

Häzirki döwürde ata Watanymyz – eziz Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň mekany hökmünde giňden tanalýar. Köpçülikleýin bedenterbiýe-sport hereketini ösdürmek boýunça durmuşa geçirilýän işler sport ulgamynyň rowaç geljegini kepillendirýär. Ýurdumyzda adam hakdaky alada döwlet syýasatynyň esasy ugrudyr. Paýtagtymyzda, welaýatlarda gurulýan saglyk öýleri, hassahanalar, sport toplumlary we dynç alyş merkezleri hem ynsan saglygyny goramak ugrunda amala aşyrylýan beýik işleriň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamynda döwlet syýasatynyň täze, beýik sepgitlere eýe bolmagy halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmakda aýratyn ähmiýetlidir. Bu ugurda alnyp barylýan giň gerimli özgertmeler Milli Liderimiziň çuň pähim-paýhasyndan we taýsyz tagallalaryndan gözbaş alýar. Gahryman Arkadagymyzyň çuňňur ylmy seljermeleriniň we durmuş tejribesiniň miwesi bolan «Saglygy goraýyşda ýetilen sepgitler» atly kitaby hem halkymyz üçin bahasyz sowgatdyr.




Bu kitapda Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamynda soňky ýyllarda alnyp barlan ägirt uly işleriň, halkara hyzmatdaşlygyň, innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagynyň we önümçilik mümkinçiliklerini giňeltmek boýunça üstünlikleriň giňişleýin beýan edilmegi aýratyn bellärliklidir.

Şeýle-de tamamlanan ýylda alym Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynyň XVII jildiniň neşir edilmegi taryhy wakalaryň biri boldy. Lukman Arkadagymyzyň bu köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitaplary lukmançylyk ulgamynyň işgärleri, saglygy goraýyş ugry boýunça ýokary okuw mekdepleriniň we ugurdaş okuw mekdepleriniň talyplary üçin gymmatly gollanma bolup hyzmat edýär.

Ýurdumyzy sagdynlygyň we bagtyýarlygyň mekanyna öwren, halkymyzyň sagdyn, ruhubelent we bagtyýar durmuşy barada edýän çäksiz aladalary üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Güljahan MERDANGULYÝEWA,**
*Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň talyby.*

## Ýylky ýylynyň aýratynlyklary

2026-njy ýyl Gündogar ýyl hasaplamasyna laýyklykda at, ýagny ýylky ýyly hökmünde bellenilýär. Bedew azatlygyň, hereketiň, zähmetsöýerligiň we batyrlygyň nyşany bolup, bu ýyl jemgyýetçilik durmuşynda, ykdysady ösüşde hem-de ruhy-ahlak gymmatlyklarynda işjeňligiň artmagy bilen häsiýetlendirilýär. Ýylky ýyly adamlary öňe ymtylmaga, täze maksatlary goýup, olary üstünlikli amala aşyrmaga ruhlandyrýan döwür hasaplanylýar.

Ýylky ýylynyň esasy aýratynlygy ösüşe we täzelige bolan güýçli islegdir. Bu ýylda jemgyýetde täze pikirler, döredijilik başlangyçlary we innowasion çemeleşmeler has işjeň ýüze çykýar. Adamlar öz mümkinçiliklerini has giňden açyp görkezmäge çalyşýarlar, hünär taýdan kämilleşmäge we jemgyýetiň ösüşine goşant goşmaga ymtylýarlar. Şeýle ýagdaýlar ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda zähmet öndürijiliginiň artmagyna hem-de täze iş orunlarynyň döredilmegine oňyn täsir edýär.

Ýylky ýylynyň çalt we joşgunly häsiýeti adamlardan jogapkärçiligi we paýhaslylygy talap edýär. Maksatlara ýetmekde diňe bir batyrgaýlyk däl, eýsem, tertiplilik, öňünden meýilnamalaşdyrmak we uzak möhletli pikirlenmek hem möhüm bolup durýar. Şeýle çemeleşme üstünlikleriň durnukly bolmagyny üpjün edýär.



2026-njy ýyl ösüşiň, döredijiligiň we täze mümkinçilikleriň giňden açyljak ýylydyr. Bu ýyl jemgyýetiň ähli agzalaryny zähmetsöýerlige, öňe okgunlylyga hem-de ýurdumyzyň gülläp ösmegine mynasyp goşant goşmaga çagyrýar. Goý, bu ýyl rowaçlyga, abadançylyga we parahatçylyga beslenen ýyl bolsun!

**Aýna INNETOWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet we sungat mekdebiniň talyby.*

## Bedewleriň adam durmuşyna ýetirýän oňyn täsiri

Bedewler adamzat taryhynda müňýyllyklaryň dowamynda möhüm orun eýeläp gelipdir. Olar diňe bir hojalyk we ulag serişdesi hökmünde däl, eýsem, adam durmuşynyň ruhy medeni we jemgyýetçilik taraplaryna täsir edýän aýratyn jandar hökmünde tanalýar. Häzirki wagtda hem atlaryň adam saglygyna we terbiýesine ýetirýän oňyn täsiri ylmy taýdan öwrenilýär we iş ýüzünde giňden ulanylýar.

Bilermenleriň bellemegine görä, bedewler adam ruhuna rahatlandyryjy täsir edýär. Ynsan gylykly bedewler adamyň ruhy dartgynlylygyny peseldip, sussupesligi azaldýar. Bu bolsa adamyň özüne bolan ynamyny artdyrýar hem-de emosional deňagramlylygy dikeltmäge kömek edýär.

Häzirki döwürde bedewler bilen bejeriş usuly – gippoterapiýa dürli psihologik näsazlyklaryň bejergisinde peýdalanylýar. Bu usul bejerişiň tebigy we zyýansyz görnüşi hökmünde aýratyn ähmiýete eýedir.

Ata münmek bedeniň köp sanly myşsalaryny işjeňleşdirýän peýdaly bedenterbiýe görnüşidir. At münmegiň dowamynda oňurga, bil we aýak myşsalary güýçlenýär, deňagramlylyk hem-de bedeniň umumy herekete uýgunlaşma ukyby gowulanýar.

Gippoterapiýa, esasan hem, hereket mümkinçilikleri çäkli bolan çagalar we dikeldiş döwründäki hassalar üçin netijeli hasaplanýar. Atlaryň ritmli hereketleri adam bedenine tebigy türgenleşik hökmünde täsir edýär.

Bedewler adamda jogapkärçilik, sabyrlylyk we tertiplilik ýaly häsiýetleri ösdürýär. At bilen meşgullanýan adam onuň idegine, iýmitine we saglygyna jogapkärçilik çekýär. Bu ýagdaý ýaş nesli terbiýelemekde hem ähmiýetlidir.

Çagalar bedewler bilen aragatnaşyk arkaly zähmete hormat goýmagy, jandarlara mähirli bolmagy we tertipdüzgüni saklamagy öwrenýärler. Bu häsiýetler olaryň jemgyýetçilik durmuşyna hem oňyn täsirini ýetirýär.

Bedewler köp halklaryň milli medeniýetiniň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Olar folklorda, edebiýatda we sungatda güýç, mertlik hem-de erkinlik nyşany hökmünde beýan edilýär. Atçylyk sporty we milli at oýunlary sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz edip, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny pugtalandyrýar.

**Hajymuhammet DÖWLETGELDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Hat gatnatmagy bes etdi

**Daniýanyň Poçta edarasy (PostNord) adaty hatlary salgylaryna eltmek hyzmatyny ýatyran ilkinji ýurt boldy. Ýurtda bu hyzmat 400 ýyldan gowrak wagt bäri dowam edýärdi. Bu ýagdaý elektron ulgama geçilmegi sebäpli, kagyza ýazylýan hatlaryň möwritiniň dolmagy bilen baglanyşyklydyr.**



**Maglumatlara görä, 2000-nji ýyldan bäri kagyza ýazylyp iberilýän hatlaryň möçberi 90%, ýagny 1,4 milliarddan 110 milliona çenli azalypdyr. Poçta edarasy bu hyzmatyny aradan aýran hem bolsa, DAO atly başga bir hususy kompaniýa hat we beýleki zatlary ugratmak hyzmatyny ýerine ýetirjekdigini mälim etdi.**

**Döwletgeldi ÖWEZOW,**
***Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.***

## Iň uzyn şäheriçi asma ýoly

**Fransiýanyň paýtagty Parižde Ýewropanyň iň uzyn şäheriçi asma ýoly açyldy. Uzynlygy 4,5 kilometre ýetýän bu ýol adatdakylary ýaly diňe tebigy gözelligi synlamak üçin däl, eýsem, gatnaw maksatly hem ulanmaga amatly.**



**«Câble C1» atly asma ýol şäheriň Wal-de-Marn sebitindäki Krteý hem-de Wilnýow-Sen-Žorž şäherlerini birikdirýär. Howada hereket edýän bu jemgyýetçilik ulagy başlangyç nokadyndan ahyrky nokadyna 18 minutda barýar. Bu aralyga awtoulagly 40 minutda baryp bolýar. Parižiň metrosynyň 8-nji şahasynyň soňky duralgasyndan başlanýan asma ýoluň ugrunda jemi 5 duralga bar.**

## Dünýäde täze ýyl garşy alyndy

**31-nji dekabrdan 1-nji ýanwara geçilýän gijede bütin dünýäde täze ýyl uly şatlykşowhun bilen garşy alyndy. Ilki bilen, halkara sene çalşygynyň bolýan çyzygynyň günbataryndaky ýurtlar täze ýyla gadam goýdular. Bu ýurtlar Ýuwaş ummanynda ýerleşýär. Kiribati Respublikasyna degişli adalaryň ýaşaýjylary ilkinji bolup, 2026-njy ýyla girdiler. Şol wagt ýurdumyzda sagadyň dili 15:00-y, senenama 31-nji dekabry görkezýärdi.**

**Täze Zelandiýanyň Oklend şäheri ulylygy sebäpli bu baýramçylygyň has dabaraly bellenilýän ilkinji şäheri boldy. Soňra bolsa, degişlilikde Awstraliýa we Aziýa ýurtlary täze ýyly garşy aldylar. Ýurdumyzda feýerwerkleriň sesi ýaňlanýan wagty Oklendde irden sagat 8 bolupdy. Beýik britaniýalylar bizden 5 sagat soňra täze ýyly garşy aldylar. Soňra bolsa, Täze ýyl ýoluny dowam edip, Atlantik ummanyndan geçip, Amerika baryp ýetdi. Braziliýanyň Rio-de Žaneýro, ABŞ-nyň Nýu-Ýork, Kanadanyň Toronto şäherleri Täze ýyl baýramçylygynyň has şowhunly geçirilýän şäherleri hasaplanýar.**



**Günorta we Gündogar Amerikadan soňra täze ýyl Ýuwaş ummanynyň adalaryna tarap ýoluny dowam etdi. Bu ýerde, esasan, Gawaide has uly dabaralar geçirildi. Amerikan Samoasyndaky we onuň töweregindäki ýaşaýjylaryň täze ýyla girmegi bilen, bütin dünýäde senenamalar 2026-njy ýyly görkezip başlady.**

**Altyn ÇARYÝEWA,**
***Aşgabat şäherindäki tebigy ugurly dersleri çuňlaşdyryp öwredýän «Beýik Serdar nesilleri» atly ýöriteleşdirilen 75-nji orta mekdebiň mugallymy.***

## Ýeriň tizligi gowşaýar

**Adamlar köp ýyldan bäri gije-gündiziň hem-de Ýeriň Günüň daşyndan aýlanýan wagtyny, ýagny ýylyň dowamlylygyny ölçemek üçin dürli wagt birliklerini ulanypdyrlar. Uzak ýyllaryň dowamynda gelnen netijä görä, bir ýyl 365,25 günden ybarat diýlip kesgitlenipdir. Şeýlelikde, her senenama ýyly 365 günden, dört ýyldan bir gezek bolsa, 366 günden durýar.**



**Geçirilen soňky barlaglara görä, Ýeriň tizligi Aýdan gelýän tolkunlaryň döredýän sürtülmesi sebäpli haýallaýar. Bu ýagdaý Ýeriň Günüň daşyndan aýlanýan tizligini bir asyrda 1,7 millisekunt uzaldýar. Bu örän ujypsyz bolup, häzirki wagt ölçegine hiç hili täsir etmeýär.**

## Dargaýan plastmassa öndürildi

Nebitden alnyýan plastik materiallar, esasan hem, deňiz suwuna garyşanda, uzak ýyllap dargamaýar. Bu ýagdaý deňiz jandarlaryna zyýan ýetirýär. Ýapon alymlary aňsatlyk bilen dargaýan plastik oýlap tapdylar. Suwda ereýän we mikroplastige öwrülmeýän bu material topraga garyşanda, döküne öwrülýär. Daşky gurşaw bilen bagly çözgütleri hödürleýän «RIKEN Emergent Matter Science Center» ylmy merkeziniň hem-de Tokio uniwersitetiniň bilermenleriniň işläp taýýarlan plastik maddasy adaty plastmassalar ýaly berk bolup, darganynda hiç hili zyýanly madda öwrülmeýär. Bu açyş barada «Science» žurnalynda makala çap edildi.



**Ogulbagt ŞYHYÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Ýanwar aýynyň 2-si, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117836
Belgisi: 1/1671
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# AT – MYRAT



Başlangyjy 1-nji sahypada.

Türkmen bedewleri halkymyzyň taryhy-medeni mirasynyň aýrylmaz bölegi bolup, müňýyllyklaryň dowamynda halkyň durmuşynda, döwlet gurluşynda we ruhy dünýäsinde aýratyn orun eýeläpdir. Bedew atlar gadymy döwürlerden bäri türkmenleriň ynsanperwerlik, edermenlik we wepalylyk ýaly milli gymmatlyklarynyň nyşany hökmünde tanalýar.

Türkmen bedewleri özleriniň owadan durky, çydamlylygy, tizligi we akyllylygy bilen dünýä ýüzünde giňden meşhurdyr. Olaryň aýak urşy hem-de uzak aralyga ýadaman çapyşy bu tohumyň özboluşly aýratynlyklarynyň biridir. Bedewler çylşyrymly howa şertlerine uýgunlaşyp bilýändigi bilen hem tapawutlanýar.

Türkmen halky aty ýoldaş, dost we ynamdar goragçy hökmünde kabul edipdir. Bedewler halk döredijiliginde, dessanlarda, nakyllarda we rowaýatlarda giň orun alyp, watançylyk we mertlik ruhuny terbiýelemegiň möhüm serişdesine öwrülipdir.

Häzirki döwürde türkmen bedewlerini gorap saklamak, ösdürmek we dünýäde wagyz etmek döwlet derejesinde möhüm ugurlaryň biri bolup durýar. Atçylyk pudagynda alnyp barylýan ylmy-seçgi işleri, halkara sergiler we baýramçylyk çäreleri bedewleriň şöhratyny has-da artdyrýar. Türkmen bedewleriniň milli buýsanç hökmünde sarpalanmagy ýaş nesillerde taryha hormat goýmak we milli gymmatlyklara wepalylyk ruhuny berkitmäge hyzmat edýär.

Türkmen bedewleri halkyň ruhy baýlygynyň, taryhy dowamlylygynyň we döwletlilik ýörelgeleriniň aýdyň beýany bolup, olar türkmen milletiniň dünýä medeniýetine goşan gymmatly mirasynyň biri hasaplanýar.

Her ýyl bellenilýän Türkmen bedewiniň milli baýramy halkymyzyň bedew ata bolan belent sarpasynyň aýdyň beýanydyr. Bu baýramçylyk diňe bir atçylyk sungatynyň dabarasy bolman, eýsem, türkmen medeniýetiniň, däp-dessurlarynyň, milli gymmatlyklarynyň dabaralanmagydyr.

Türkmen bedewleri häzirki wagtda ýurdumyzyň halkara abraýyny belende göterýän milli nyşanlaryň biridir. Olar Türkmenistanyň parahatçylykly, döredijilikli we ynsanperwer döwlet hökmünde tanalmagynda hem möhüm orun eýeleýär. Bedew ata bolan söýgi we sarpa nesildennesle geçip, halkymyzyň ruhy binýadynyň mizemez sütüni bolup durýar.

**Ogulşat BERDIÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# TÜRKMEN BITARAPLYGYNYŇ DABARALANAN ÝYLY

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda topara Azerbaýjan Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň we Eswatini Patyşalygynyň goşulyşmagy Bitaraplyk ýörelgeleriniň halkara jemgyýetçilik tarapyndan goldanylýandygyna şaýatlyk edýär. 2025-nji ýylyň 15-nji dekabrynda hormatly Prezidentimiziň başlangyjy boýunça Baş Assambleýanyň 64-nji plenar mejlisinde iki möhüm Kararnama – «Birleşen Milletler Guramasynyň durnukly ulag boýunça onýyllygy (2026 – 2035-nji ýyllar üçin)» we «Durnukly ösüşi üpjün etmekde ygtybarly we durnukly energiýa birikmesiniň esasy orny» atly Kararnamalar kabul edildi. Bu resminamalar ählumumy we uzak möhletli häsiýete eýe bolup, BMG-niň çäklerinde ulag, energetika gün tertibini ilerledýän döwlet hökmünde ýurdumyzyň ornuny we abraýyny mundan beýläk-de pugtalandyrmaga goşant goşar.

2025-nji ýylda ýokary derejedäki ikitaraplaýyn gatnaşyklar hem-de özara saparlar işjeň dowam etdi. Şunuň bilen baglylykda, ýylyň dowamynda hormatly Prezidentimiziň daşary ýurtlara döwlet, resmi we iş saparlarynyň 15-si amala aşyryldy, Gahryman Arkadagymyz hem 9 ýurtda saparda boldy, şol bir wagtda daşary ýurtlaryň döwlet we hökümet Baştutanlarynyň Türkmenistana saparlarynyň 31-si guraldy. Munuň özi ýurdumyz tarapyndan işjeň daşary syýasatyň alnyp barylýandygyna, dünýäniň dürli döwletleri bilen halkara hyzmatdaşlygynyň esasy ýörelgeleriniň iş ýüzünde netijeli durmuşa geçirilýändigine aýdyň şaýatlyk edýär.



Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň çäginde syýasy-diplomatik dialogy ösdürmäge, gapma-garşylyklaryň öňüni almaga we olary parahatçylykly ýol bilen çözmäge gönükdirilen başlangyçlar öňe sürüldi. Dürli ýurtlaryň gatnaşmagynda geçirilen ýokary derejeli maslahatlar, forumlar we duşuşyklar ynanyşmagyň halkara howpsuzlygynyň esasy şerti bolup durýandygyny tassyklady.

Şu ýyl parahatçylyk medeniýetini ösdürmekde ynsanperwer, bilim we medeni hyzmatdaşlygyň ähmiýeti aýratyn nygtaldy. Ylym-bilim, medeniýet, ýaşlar we sport ugurlary boýunça guralan çäreler halklaryň arasynda dostlukly gatnaşyklary berkitmäge, jemgyýetlerde özara hormat goýmak we dialog medeniýetini ösdürmäge uly goşant goşdy.

Halkara guramalar, döwlet edaralary we jemgyýetçilik institutlary parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgelerini wagyz etmäge işjeň gatnaşdylar. Bu hyzmatdaşlyk durnukly ösüş maksatlarynyň amala aşyrylmagyna, adam hukuklarynyň goralmagyna we durmuş abadançylygynyň ýokarlanmagyna itergi berdi.

Möhüm netijeler bilen tamamlanan ýyl parahatçylygyň we ynanyşmagyň halkara jemgyýetçiliginiň uzak möhletleýin strategiýasynyň aýrylmaz bölegi bolmalydygyny aýdyň görkezdi. Gazanylan tejribe we netijeler geljekde hem parahatçylykly hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin ygtybarly esas bolup hyzmat eder.

Netijede, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly dünýä halklaryny umumy maksatlaryň daşynda birleşdirip, parahat, durnukly we abadan geljegi gurmaga gönükdirilen tagallalaryň üstünlikli amala aşyrylandygyny tassyklady. Bu gymmatly miras geljek nesiller üçin hem nusga bolup galar.

**Gülnara SAPARMÄMMEDOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň farmakologiýa kafedrasynyň uly mugallymy.*

# Ýurdumyzyň ulag diplomatiýasy ösdürilýär

**BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň 64-nji plenar mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen «Birleşen Milletler Guramasynyň durnukly ulag boýunça onýyllygy (2026–2035-nji ýyllar)» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi.**

**Birleşen Milletler Guramasynyň durnukly ulag boýunça onýyllygynyň (2026–2035-nji ýyllar) esasy maksady durnukly, inklýuziw, elýeterli, howpsuz we energiýa taýdan netijeli ulag ulgamlaryny döretmek boýunça bilelikdäki çäreleri tizleşdirmekdir. Onýyllyk dünýä boýunça pes ýa-da nol derejeli zyňyndylary bolan infrastrukturalary döretmäge gönükdirilip, 2030-njy ýyla çenli Durnukly ösüş gün tertibini goldaýar.**



## ONÝYLLYK AŞAKDAKY MÖHÜM MAKSATLARY GÖZ ÖŇÜNDE TUTÝAR:

**☑ Ykdysady we durmuş ösüşe ýardam bermek: Ulag ulgamlary garyplygy aradan aýyrmakda, ykdysady ösüşi höweslendirmekde we sebitara integrasiýany goldamakda möhüm orun eýelemelidir.**

**☑ Ekologiýa durnuklylygy we howpsuzlyk: Howanyň üýtgemegine garşy göreşmek, daşky gurşawyň hapalanmagyny azaltmak we ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmek esasy wezipeleriň hatarynda-dyr. 2021–2030-njy ýyllar üçin ýol hereketiniň howpsuzlygy boýunça çäreleriň ikinji onýyllygy bilen utgaşyklygyň zerurlygy ähmiýetlidir.**

**☑ Sanly özgertmeler: Kararnamada ulag ulgamlarynyň netijeliligini, elýeterliligini we howpsuzlygyny ýokarlandyrmakda emeli aňyň hem-de iň täze sanly tehnologiýalaryň ornunyň barha artýandygy ykrar edilýär.**

**☑ Hil taýdan infrastrukturalary ösdürmek: Özara baglanyşykly ulgamlaryň (awtomobil ýollary, demir ýollar, howa gatnawlary, deňiz ýollary we portlar) ösüşini kämilleşdirmek, ygtybarly we ekologik taýdan arassa infrastruktura desgalaryna hyzmat etmek.**

## ONÝYLLYGYŇ MAKSATLARYNY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ GARAŞYLÝAN NETIJELERI WE MEHANIZMLERI:

**☑ Gözegçilik we hasabatlylyk: Durnukly ulag boýunça bilelikdäki gurallary işläp taýýarlamak meýilleşdirilýär, olar global, sebit we milli görkezijileriň üsti bilen ösüşi yzarlamaga mümkinçilik berer.**

**☑ Halkara hyzmatdaşlyk we serişdeleri işjeňleşdirmek: Kararnama halkara maliýe guramalaryna, köptaraplaýyn we ikitaraplaýyn donorlara, ösüş banklaryna we hususy pudaga, aýratyn-da ösüp barýan ýurtlarda durnukly ulag taslamalary üçin ýeterlik möçberde serişdeleri jemlemegi maslahat berýär.**

**☑ Milli meýilnamalara integrasiýa: Agza döwletlere öz milli strategiýalaryny Onýyllygyň meýilnamasy bilen sazlaşdyrmak we durnukly ulagy ösüş meýilnamalaryna goşmak teklip edilýär.**

**☑ Gözegçilik tapgyrlary: 2030-njy ýylda BMG-niň durnukly ulag boýunça üçünji Global konferensiýasynyň çäklerinde aralyk seljerme geçirilmegi, 2035-nji ýylda bolsa umumy netijeleri bahalandyrmak we 2035-nji ýyldan soňky döwür üçin ösüş ugurlaryny kesgitlemek maksady bilen jemleýji konferensiýa geçirilmegi meýilleşdirilýär.**

**Durnukly ulagyň Bütindünýä güni (26-njy noýabr) her ýyl gazanylan ösüşleri beýan etmek we täze meýletin borçnamalary yglan etmek üçin platforma hökmünde ulanylar.**

**Şeýlelikde, durnukly ulag boýunça onýyllyk dünýä möçberinde ulag ulgamynyň «operasion ulgamyny» uly derejede täzeläp, täze derejä çykarmak bilen deňeşdirilip bilner. Öň ulgamyň işleýşinde bökdençlikler bolup, daşky gurşawy hapalap, hemmeler üçin elýeterli bolmadyk bolsa, 2035-nji ýyla çenli BMG adamlar we harytlar üçin hereketi akgynly, ekologik taýdan arassa we howpsuz etjek täze şertleri döretmegi, ähli ýurtlary bir bitewi, netijeli ulgama birleşdirmegi maksat edinýär.**

**Hydyr ALLABERDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Saglyk – baş baýlyk

Ýurdumyzda raýatlaryň saglygyny goramak, halkymyzyň sagdyn, abadan durmuşyny üpjün etmek boýunça Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan sahawatly, ynsanperwer işler häzirki wagtda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda üstünlikli dowam etdirilýär. Bu ulgamda alnyp barylýan işler döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir.

Şuňa laýyklykda, ýurdumyzda saglygy berkitmekde, keselleri irki döwürde anyklamakda, ilatyň ömrüniň ortaça dowamlylygyny artdyrmakda, kesele garşy immuno durnuklylygy ýokarlanmakda möhüm orny eýeleýän saglygy goraýyş ulgamynda ýetilen sepgitler, gazanylan üstünlikler barada gürrüň etmek juda buýsançlydyr.

«Saglyk» Döwlet maksatnamasyndan ugur alnyp, ilatymyzyň saglygyny dikeltmek maksady bilen ýurdumyzyň ähli künjeklerinde saglyk desgalary gurlup, ulanmaga berildi.



Şeýle-de derman senagatynyň önümçiligi we derman serişdeleriniň görnüşleri artdyryldy. Ilatyň islegine we talabyna görä derman we sargy serişdelerini öndürýän kärhanalaryň sany barha artdy. Ýurdumyzda tutuş ýylyň dowamynda ilata bejeriş, saglygy berkitmek üçin hyzmatlaryň dürli görnüşlerini hödürleýän şypahana, dynç alyş toplumy hem döredildi. Durky täzelenip, ulanylmaga berlen şypahanalardan, dynç almak, bejeriş üçin döredilen oňaýly şertlerden raýatlarymyz ýerlikli peýdalanýarlar.

Mundan başga-da, ýokary hünärli işgärleriň taýýarlanmagy üçin lukmanlaryň we hünärmenleriň iş tejribesini baýlaşdyrmak maksady bilen, olar öňdebaryjy lukmançylyk merkezlerine okuwa iberilýär. Türkmen lukmanlaryna abraýly halkara lukmançylyk edaralary bilen ýola goýlan gatnaşyklar dürli keselleri anyklamagyň, bejermegiň täze, netijeli usullaryny ulanmaga mümkinçilik berdi. Şonuň netijesinde, Türkmenistanyň çäginde birnäçe howply keselleriň ýok edilendigi barada soňky berlen güwänamalar saglygy goraýyş ulgamyndaky gazanylan uly üstünlikleriň we ýetilen sepgitleriň subutnamasydyr.

Ýurdumyzda çagalar aýratyn mähir bilen gurşalýar. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmegi aýratyn buýsanç bilen bellenmäge mynasypdyr. Bu gazna tarapyndan ösüp gelýän ýaş nesilleri durmuş taýdan goldamak, howandarlyga mätäç çagalaryň saglygyny dikeltmäge ýardam bermek, olar üçin durmuş ýeňilliklerini, zerur şertleri döretmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saglygy goraýyş ulgamyndaky alyp barýan işleri halkymyzyň saglygy we abadançylygy baradaky alada bilen gurşalandyr. Şu günki güne çenli amal edilen işler özüniň oňyn netijesini berip, ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamy rowaçlyklara beslenýär.

**Şeker ÇARYÝEWA,**
*Aşgabat şäherindäki 3-nji saglyk öýüniň baş lukmany.*

## EDEBIÝAT

**Gazy Hysrow beg kitaphanasynyň gaznasynda türk, arap we pars dillerinde 10 müňden gowrak golýazma saklanýar.**

# 10 müňden gowrak golýazma saklanýar

Osmanly soltanlarynyň biri bolan Baýezit II agtygy Gazy Hysrow beg tarapyndan 1537-nji ýylda Saraýewoda gurlan medrese we kitaphana Balkanlardaky iň gadymy kitap saklanýan ýer hasaplanýar. 488 ýyllyk taryhy bolan Gazy Hysrow beg kitaphanasynyň gaznasynda türk, arap we pars dillerinde 10 müňden gowrak golýazma saklanýar. Bosniýa we Gersogowinanyň paýtagtynda ýerleşýän bu taryhy mekan sebitiň iň gymmatly medeni miraslarynyň biridir.

Bu taryhy kitaphana 2018-nji ýylda ÝUNESKO-nyň «Dünýäniň hakydasy» sanawyna girizildi. Kitaphananyň gaznasynda yslam ylymlary bilen bir hatarda tebigy ylymlar, matematika, geometriýa, astronomiýa we lukmançylyk baradaky golýazmalar saklanýar.




Kitaphanada, takmynan, 100 müň eser bar, olaryň 10 müňüsi golýazma. Mundan başga-da, kitaphanada türk dilinde 9 müňden 10 müňe çenli resminama, Gündogar dillerinde ýazylan 21 müň we Ýewropa dillerinde ýazylan 30 müňden gowrak kitap bar.

Gazy Hysrow beg kitaphanasynyň ýörite kolleksiýasynyň utgaşdyryjysy Hamza Lawiç bu ýerde saklanýan Osmanly döwrüne degişli resminamalaryň ähmiýetiniň uludygyny, kitaphanada 1463-1878-nji ýyllary öz içine alýan müňlerçe osmanly resminamalarynyň bardygyny belleýär. Şeýle hem kitaphanada yslam dünýäsiniň beýik alymy Ibn-Sinanyň «Lukmançylyk ylmynyň kanuny» atly kitabyna ýazylan teswirleri öz içine alýan seýrek golýazmalar hem saklanýar.

# Kitap okamak medeniýeti ýokarlanýar

Daniýanyň Kitap geňeşiniň dekabr aýynda çap eden ýyllyk hasabatynda daniýalylaryň soňky 10 ýyl bilen deňeşdirilende, has köp kitap okaýandyklary we satyn alýandyklary mälim edildi. Daniýada 2024-nji ýylda jemi 32 million çap edilen kitap, audiokitap we elektron neşir okyjylara ýetirildi. Satuwlar bolsa öňki döwür bilen deňeşdirilende, 8,5 göterim ýokarlandy.

Skandinaw ýurdunda çap edilen kitaplara bolan gyzyklanmanyň artmagy, köplenç ekranlardan däl-de, kagyzdan okamaga bolan ymtylyş bilen düşündirilýär. Ýurduň medeniýet ministri Ýakob Engel Şmidt bu ýagdaýy makullap, adamlaryň ünsüni çekmek ugrundaky güýçli bäsleşik şertlerinde kitabyň öz gymmatyny saklaýandygyny nygtady. Mundan başga-da, täze formatdaky çäreleri guraýan we okyjylary, aýratynda, çagaly maşgalalary hem-de 30–50 ýaş aralygyndaky adamlary özüne çekýän kitaphanalaryň işjeň hyzmaty hem möhüm şertleriň birine öwrüldi.

Şol bir wagtyň özünde, hünärmenler çap edilen kitaplaryň üstünligini diňe bir sanly tehnologiýalardan ýüz öwürmek bilen düşündirmeli däldigini belleýärler. Bu ýerde marketing, mahabatlandyrmagyň täze usullary we kitaphanalaryň ösdürilmegi hem uly orun eýeleýär.




Umumy ösüşiň netijesinde ylmy-köpçülikleýin we hünär edebiýaty aýratyn kynçylyklary başdan geçirýär. Bu ugurdaky neşirýatlaryň sany azalýar, sebäbi beýle kitaplar audioformata laýyk gelmeýär we ýokary ünsi jemlemegi talap edýär. Täze ylmy-ugurly «non-fiction» edebiýatlary çap edýän neşirýatlaryň sany bir ýylyň içinde 609-dan 463-e çenli azaldy.

– Kitaplarymyz striming hyzmatlary arkaly satylanda, edebiýatyň belli bir görnüşleri, meselem, «feel-good» (ýakymly duýgy berýän) kitaplar we detektiw eserler has oňat netije görkezýär. Bu edebiýatlar seriýa görnüşinde bolansoň, adamlar bir kitaby gutaryp, dowamyny diňläp bilýärler – diýip, ýazyjy Iben Mondrup belleýär.

Şunlukda, awtorlar çuňňur we düşünip okamak medeniýetini saklap galmak üçin ähli žanrlaryň elýeterliligini gorap saklamagyň möhümdigini belleýärler.

**Batyr NURLIÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Arkadag şäheri boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, maýor.*

# Köne kitaplaryň ysy nädip döreýär?

Adamlar köne kitaplaryň ysyny şeýle bir gowy görýärler welin, hatda şol ysy ýatladýan atyrlary hem satyn alýarlar. Şol sebäpli alymlar bu ysyň aslynda nireden gelip çykýandygyny öwrenmek kararyna geldiler.

Elektron kitaplaryň peýda bolmagy bilen, ýaňy-ýaňylar hem kagyz kitaplaryň taryha siňjekdigi çaklanypdy. Emma, hakykatda, başgaça boldy. «IFL Science» neşiriniň ýazmagyna görä, adamlar köne kitaplaryň ysyny şeýle bir gowy görýärler, şonuň üçinem olardan el çekmek islemeýärler.

London uniwersitet kollejiniň professory Matiýa Strliç bilen onuň kärdeşleri täze barlagyň dowamynda köne kitaplarda näme üçin beýle ysyň döreýändigini we onuň bize näme üçin şeýle ýakymlydygyny öwrendiler.

Barlagyň netijesinde alymlar ýörite «elektron burun» ulanyp, kitaplaryň könelmegi bilen belli bir şertlerde käbir molekulalaryň bölünip çykýandygyny anykladylar. Bu iki sebäbe görä



örän möhümdir: Birinjiden, biz ahyr soňy köne kitaplaryň ysyny nämäniň şeýle özüne çekiji edýändigini bileris. Ikinjiden bolsa, alymlar gadymy nusgalary nädip gorap saklamalydygyna has gowy düşünerler.

Barlagyň birinji tapgyrynda alymlar wagt geçdigiçe syýadaky kanifolyň (şepbigiň) we kagyzdaky ligniniň dargamagy netijesinde emele gelýän birnäçe ys berýän birleşmeleri anykladylar. Şeýle hem wagtyň geçmegi bilen kagyzyň sirke kislotasyny öndürýändigi belli boldy.

Alymlaryň bellemegine görä, täze kitaplarda beýle ys ýok, sebäbi olaryň düzümi dargamaga garşy has durnuklydyr. Şol bir wagtda bolsa, bu ýagdaý geçen asyrda kitap çap etmek üçin düzüminde ligniniň mukdary az bolan kagyzyň ulanylandygy bilen hem düşündirilýär.

**Bägül KULAMANOWA,**
*Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň Arkadag şäher komitetiniň partiýa guramaçysy.*

# Paýhaslar

☑ Biz täze kitaby açýarys. Onuň sahypalary tämiz. Biz olary öz elimiz bilen doldurarys. Kitabyň ady «Mümkinçilik», onuň birinji baby bolsa «Täze ýyl» diýlip atlandyrylýar.

***Edit Lawjoý Pirs.***

☑ Ertir 365 sahypalyk kitabyň ilkinji sahypasydyr. Ony gowy ýazyň.

***Bred Peýsli.***

☑ Täze ýylyň manysy – ýene bir mümkinçilige eýe bolmak, bagyşlamaga pursat tapmak. Has gowy iş etmek, has köp zat bermek, has güýçli söýmek we hiç zady alada etmän, durmuşy bolşy ýaly kabul etmekdir.

***«Köne Täze ýyl» (film).***

☑ Ynsanyň durmuşyndaky her bir Täze ýyl edil gar tozgajygynyň keşdesi ýaly näzik we ýeke-täkdir; ol hem şonuň ýaly çalt we göze ilmän ereýär, pikirimizde bagtyň ajaýyp pursatlaryny, kalpda bolsa ýakymly yzlaryny galdyrýar.

***Tigran Babaýan.***

☑ Täze ýylyň manysy diňe bir täze ýyla geçmekde däl, eýsem, täze bir ruha eýe bolmakdadyr.

***Gilbert Kit Çesterton.***

☑ Täze ýylyň manysy ýene bir gezek synanyşmaga, bagyşlamaga mümkinçilik almakdyr. Has gowy bolmaga, has köp zat peşgeş bermäge we durmuşyň her pursadyny arzyly saýmaga tagalla ediň.

***Kler Morgan.***

☑ Elmydama öz kemçilikleriňiz bilen darkaşda, goňşularyňyz bilen bolsa agzybir boluň, her Täze ýyl özüňizi has gowy ynsan hökmünde ýüze çykaryň.

***Benjamin Franklin.***

☑ Täze ýyl sowgady, hatda iň kiçijigi hem bolsa, eger ony söýgi bilen berseň, beýik peşgeşe öwrüler.

***Jon Wolkot.***

☑ Täze ýyl ruhy - hatda gapyny ýalňyşyp açan adamy göreniňde-de begenmegiňdir.

***Mihail Mamçiç.***

☑ Gyşyň we baýramçylyklaryň golaýlaýan duýgusyny söýýän. Täze ýylyň öň ýanyndaky günler... Arzuwlaryň hasyl bolýan, täsinliklere bolan ynamyň oýanýan günleri!

***Oskar Waýld.***

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**Parlament saýlawlary geçiriler.** 2026-njy ýylyň ahyrynda Halk Skupşinasyna



(Serbiýanyň bir palataly parlamenti) möhletinden öňki saýlawlary geçirmek meýilleşdirilýär. Bu barada ýurduň Prezidenti Aleksandr Wuçiç mälim etdi. «Ýene-de bäş-alty aýdan birnäçe munisipalitetde saýlawlar geçiriler, soňra bolsa ýylyň ahyrynda möhletinden öňki parlament saýlawlarynyň geçirilmegi meýilleşdirilýär» diýip, döwlet Baştutany halka ýüzlenmesinde aýtdy.

**Slowakiýada iň uzyn tunnel açyldy.** Slowakiýanyň Premýer-ministri Robert Fiso



ýurduň iň uzyn tunnelini awtoulag gatnawy üçin açyp, tigirçekli konkide gezelenç etdi. Slowakiýanyň Žilina şäheriniň golaýyndaky dag gerişleriniň astyndan geçýän tunneliň gurluşygy 30 ýyla golaý dowam etdi. Uzynlygy 7,5 kilometre barabar bolan desga ýolagçylaryň ýurduň günbatar sebitlerinden gündogar sebitlerine geçmek üçin sarp edýän wagtyny ep-esli azaldar.

**Medeni gymmatlygy yzyna getirdi.** Soňky 10-12 ýylyň dowamynda Müsür ozal ýurt-



dan äkidilen 30 müň sany taryhy ýadygärligi yzyna gaýtaryp aldy. Bu barada Müsüriň syýahatçylyk we gadymyýet işleri boýunça ministri Şerif Fathi habar berdi. Soňky bir ýylyň dowamynda Müsüriň Syýahatçylyk we gadymyýet işleri ministrligi taryhy tapyndylaryň gaýtarylýandygy barada birnäçe gezek resmi beýannama bilen çykyş etdi.

**Merkezi Aziýada öňe saýlandy.** Halkara seljeriş merkezi bolan «Oxford Insights» ta-



rapyndan çap edilen «Hökümetleriň emeli aňy ulanmaga taýýarlyk indeksi – 2025» (Government AI Readiness Index – 2025) hasabatynda Gazagystan dünýäniň 195 ýurdunyň arasynda 60-njy orny eýeläp, Merkezi Aziýa sebitinde öňdäki orna çykdy. Bu barada 24-nji dekabrda Gazagystanyň Emeli aň we sanly ösüş ministrligi habar berdi.

**Aýakgap dükanyndaky täze düzgün.** Polşanyň aýakgap dükanlarynyň birinde aýakgap



satyn alnanda geýip görmegiň tölegli boljakdygy mälim edildi. Dükanyň tekjelerinde degişli bildiriş goýuldy. Dükanyň eýeleri bu täze çözgüdiň girizilmeginiň sebäbini müşderileriň köpüsiniň aýakgaby geýip görýändigi, emma soňra köwşi başga ýerden satyn alýandygy bilen düşündirýärler. Dükan bu tölegi girizmek arkaly satyjylaryň iş ýüküni azaltmagy maksat edinýär.

**Garyndaşlaryň nikasy gadagan ediler.** Şwesiýanyň Hökümeti doganoglanlaryň we



çykanlaryň arasynda nika baglaşylmagyny gadagan edýän, şeýle hem ýurduň çäklerindäki baglaşylan şeýle nikalary ykrar etmezlik baradaky kanun taslamasyny taýýarlady. Şeýle-de, öweý doganlara, ogullyga ýa-da gyzlyga alnanlara hem mundan beýläk biri-biri bilen nika baglaşmaga rugsat berilmez. Täze kanun 2026-njy ýylyň 1-nji iýulyndan başlap güýje giriziler.

**Ilkinji Gün energiýa bekedi açyldy.** Kemin etrabynda Gyrgyzystanyň taryhyndaky ilkinji Gün energiýa bekedi ulanmaga berildi. Onuň açylyş dabarasyna ýurduň Prezidenti Sadyr Žaparow gatnaşdy. Täze desganyň kuwwaty 100 megawata deň bolup, takmynan, 230 gektar meýdany tutýar. Bu taslama hytaýly maýadarlar bilen bilelikde durmuşa geçirildi we oňa goýlan maýa goýumlaryň umumy möçberi 56 million amerikan dollaryna deň.



## Saýlawlaryň soňky netijeleri mälim edildi

25-nji dekabrda Gondurasyň Milli saýlaw geňeşi Milli partiýanyň wekili, asly palestinaly Nasri Asfurany Prezident saýlawlarynda ýeňiji diýip yglan etdi. Bu barada BBC gullugy habar berýär.



Asfura sesleriň 40,3 göterimini alyp, özüniň esasy bäsdeşi, sagçy-merkezçi Liberal partiýanyň wekili Salwador Nasralladan (sesleriň 39,5 göterimi) öňe saýlandy. Ýeňiş gazanan Asfura: «Gonduras, men ýurdy dolandyrmaga taýýar. Men siziň ynamyňyzy ödärin» diýdi.

Saýlawlar 30-njy noýabrda geçirildi, emma tehniki näsazlyklar sebäpli sesleriň sanalmagy iki gezek yza süýşürildi. Şeýlelikde, ilaty 10 milliona deň bolan Gondurasda ählumumy saýlawlar geçirildi. Döwlet Baştutanyndan we üç wise-prezidentden başga-da, Respublikanyň ýaşaýjylary Milli Kongresiň (bir palataly parlament) 128 agzasyny, Merkezi Amerika parlamentiniň (PARLACEN) 20 agzasyny, şeýle hem 298 şäher häkimini we 2 müň 168 şäher geňeşiniň agzasyny saýladylar. Prezident saýlawlary bir tapgyrda geçirilýär, ýeňiji ýönekeý köplük bilen kesgitlenýär.

Gonduras Respublikasy Merkezi Amerikada ýerleşýän ýurtdur. Onuň paýtagty Tegusigalpa. Bu ýurt günorta-gündogarda Nikaragua, günorta-günbatarda Salwador we günbatarda Gwatemala bilen serhetleşýär. Demirgazykda Karib deňzi we günortada Ýuwaş ummany bilen ýuwulýar. Gonduras Merkezi Amerikada Nikaraguadan we Gwatemaladan soň ululygy boýunça ikinji we iň köp ilatly ýurtdur.

## Ýerine ýetiriji öz dalaşgärligini hödürledi



Tailandyň Premýer-ministriniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji Anuthin Çanwirakun Milli assambleýanyň (parlament) täze çagyrylyşynyň wekiller palatasyna (aşaky palata) geçiriljek saýlawlarda «Phumçaýthai» («Tailandyň buýsanjy») partiýasyndan Premýer-ministrlige dalaşgär bolmak baradaky kararyny resmi taýdan mälim etdi.

Anuthin Çanwirakun Bangkokda öz partiýasynyň saýlaw kampaniýasynyň açylyş dabarasynda eden çykyşynda hemişe halkyň sesine gulak asandygyny aýtdy. Ol çykyşynda: «Eger-de halk «Phumçaýthai» partiýasyny gaýtadan saýlasa, Premýer-ministriň wezipesini ýerine ýetirmegini dowam etdirjekdigini we Tailandyň ähli halky üçin durnukly, gülläp ösýän geljegi gurmaga tagalla etjekdigini» wada berdi.

15-nji dekabrda Tailandyň saýlaw topary parlamentiň wekiller palatasynyň täze çagyrylyşynyň saýlawlarynyň 2026-njy ýylyň 8-nji fewralynda geçiriljekdigini habar berdi. Syýasy partiýalaryň ählisi premýer-ministrlige dalaşgärleriniň sanawyny 28-nji dekabrdan 31-nji dekabr aralygynda hödürlediler.

## RIMDE TÄZE METRO BEKEDI AÇYLDY

Rimiň häkimiýetleri Kolizeýiň golaýynda gadymy artefaktlar bilen bezelen, «C» liniýasyna degişli iki sany täze metro bekedini ulanmaga berdi. Gurluşygy 20 ýyl dowam eden bu taslama şäherdäki ulag dyknyşygyny ep-esli ýeňilleşdirmäge ýardam eder.



Ýerasty çuňlukda gurlan bu beketler ýolagçylary gurluşyk wagtynda ýüze çykarylan gadymy medeni gatlaklar bilen tanyşdyrýar. Amfiteatryň golaýynda ýerleşýän menzile girýän ýolagçylar we şäheriň myhmanlary platformalaryň ugrunda goýlan I asyra degişli jaýlaryň galyndylaryny, keramiki gap-gaçlary, daş guýulary we Rim hammamynyň harabalyklaryny synlap bilerler.

Liniýanyň gurluşygy maliýe meseleleri we «Via dei Fori Imperiali» köçesiniň aşagynda gizlenen taryhy harabalyklary gorap saklamak zerurlygy sebäpli ençeme ýyl yza çekdi. Inženerler taryhy binalary goramak bilen bir hatarda, ýerasty suwlaryň derejesine hem berk gözegçilik etmeli boldular. «Porta Metronia» bekediniň golaýynda bolsa Rim imperatorlygy döwrüne degişli harby berkitmeler we nepis bezelen otaglar görkezilýär.

Geljekde şäheriň ähli künjegine uzajak «C» liniýasynyň gurluşygy doly tamamlanandan soň, Rimiň köçelerindäki ulag dyknyşygynyň has-da azalmagyna garaşylýar. Şol bir wagtyň özünde, bu metro ulgamy syýahatçylara we ýaşaýjylara şäheriň gadymy geçmişine her gün nazar aýlamaga mümkinçilik döredýär.

## DÜNÝÄNIŇ ÖZÜNE ÇEKIJI KÖÇELERI

«Time Out» neşiri dürli ýurtlardaky 31 sany köçäniň sanawyny çap etdi. Bu sanaw ýerli redaktorlar we hünärmenler tarapyndan naharhanalaryň hili, dynç alyş mümkinçilikleri we köçäniň umumy gurşawy ýaly ölçegler esasynda düzüldi. Degişli sanaw žurnalyň resmi saýtynda ýerleşdirildi.

Bilermenleriň bellemegine görä, bu sanawa öz şäherleriniň ruhuny we häsiýetini iň gowy şöhlelendirýän köçeler girdi. Ilki bilen, dürli ýurtlaryň redaksiýalary öz tekliplerini hödürlediler, soňra bolsa «Time Out» neşiriniň syýahatçylyk boýunça halkara topary her bir ýere elýeterli hyzmatlary, medeni çäreleri, iýmit-dynç alyş nokatlary we ýerli jemgyýetiň işjeňlik derejesi boýunça baha berip, sanawy köpçülige hödürledi.

Sanawyň iň ýokary basgançagynda Rio-de-Žaneýronyň (Braziliýa) merkezindäki Senado köçesi gelýär. «Time Out» bu köçäniň ozallar antikwar dükanlary bilen meşhur bolandygyny, häzirki wagtda bolsa öňküsinden has çalt ösýändigini belleýär. Syýahatçylara bu ýere şen-



be günleri gelmek maslahat berilýär. Sebäbi şol gün bu köçede «Armazém Senado» atly meşhur samba aýdym-saz we tans çykyşlary guralýar.

Ikinji orunda Osakanyň (Ýaponiýa) Mämişi köçesi durýar. Bu ýer hem aslynda antikwar söwdasynyň merkezi bolan bolsa, 2010-njy ýyllardan başlap dünýä belli köçe modasy (streetwear) brendleriniň mekanyna öwrüldi. Wagtyň geçmegi bilen, olara ýapon brendleri hem goşuldy. Häzirki wagtda bu ýerde köne dükanlar bilen bir hatarda, köçe naharhanalary we retro äheňli kofehanalar (kissatenler) işleýär.

Üçünji orny Portu şäherindäki (Portugaliýa) Bonžardim köçesi eýeledi. Ol meşhur syýahatçylyk ugurlarynyň golaýynda ýerleşýär we ýerli ýaşaýjylar üçin özüne çekiji nokat bolmagynda galýar.

Şeýle hem iň gowy onlugyň hataryna şu köçeler girdi: Fan Gua (Çendu, Hytaý), Şerbruk-strit-West (Monreal, Kanada), Montegýu Roud (Brisben, Awstraliýa), Maýbahufer (Berlin, Germaniýa), Olimpiu (Saloniki, Gresiýa), Orçard-strit (Nýu-Ýork, ABŞ) we Win-Han (Hoşimin, Wýetnam).

## Täze ýyl arçalaryny öndürýän ýurt

**Daniýa Täze ýyl arçalarynyň önümçiligi boýunça Ýewropada Germaniýadan soňra ikinji orunda durýar. Daniýanyň Täze ýyl arçalaryny öndürijiler birleşiginiň hünärmeni Klaus Ýerram Kristenseniň aýtmagyna görä, Daniýanyň ilatynyň azdygy we ýurduň özüne beýle köp mukdarda arçanyň gerek däldigi sebäpli, bu döwlet dünýäde iň iri eksportçy bolup durýar. «Tagesschau» habarlar portalynyň ýazmagyna görä, arça öndürmekde Daniýa, hatda, ABŞ-dan hem öňe geçýär.**

**Her ýyl bu skandinaw ýurdundan dünýäniň dürli künjeklerine, takmynan, 9 million arça ugradylýar. Täze ýyl arçasynyň ýarysyna golaýy iň möhüm bazar hasaplanýan Germaniýa ugradylýar. Şeýle-de, arçalar Dubaýa, Wýetnama we Gonkonga eksport edilýär.**

**Daniýada Täze ýyl arçalary 20 müň gektar meýdanda ýetişdirilýär. 2024-nji ýylda bu pudak, takmynan, 160 million ýewro möçberinde girdeji gazandy. Bu üstünligiň açary, Nordman pihtasydyr. 1980-nji ýyllarda bu agaç Ýewropada iň meşhur Täze ýyl arçasy hökmünde öňdäki orny eýeledi. Daniýalylar bu agajy tokaý meýdanlaryna ekip, medeni usulda köpeltmegi başardylar.**



## 2025-nji ýylyň esasy wakalary

**2025-nji ýyl dünýä syýasatynda uly özgerişleriň, täze saýlawlaryň we taryhy sammitleriň geçirilen ýyly boldy. ABŞ-daky häkimiýet çalşygyndan başlap, Ýewropadaky möhletinden öňki saýlawlara, şeýle hem kosmos barlaglaryndaky täze sepgitlere çenli köp sanly wakalar geljekki onýyllygyň ugruny kesgitledi. Aşakdaky hronologiýada 2025-nji ýylyň iň ähmiýetli syýasy, jemgyýetçilik we ylmy wakalary barada gysgaça maglumat berildi.**

**1-nji ýanwar.** Bolgariýa we Rumyniýa Şengen zolagynyň doly hukukly agzalary boldy.

Polşa Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşine başlyklyk etmek gezegini Wengriýadan kabul edip aldy.

**6-njy ýanwar.** ABŞ-nyň Kongresi Donald Trampyň ýeňşini tassyklady.

**12-nji ýanwar.** Horwatiýada Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyry geçirilip, ýurduň Prezidenti Zoran Milanowiç ikinji möhlete gaýtadan saýlandy.

**20-nji ýanwar.** ABŞ-nyň 47-nji Prezidenti Donald Trampyň kasam kabul ediş dabarasy geçirildi.

**26-njy ýanwar.** Belarusda Prezident saýlawlary geçirilip, häzirki Prezident Aleksandr Lukaşenko ýeňiş gazandy.

**12-nji fewral.** Gresiýada Prezident saýlawlarynyň jemleýji dördünji tapgyry geçirildi. Konstantinos Tasulas Prezident saýlandy.

**23-nji fewral.** Germaniýada möhletinden öň parlament saýlawlary geçirildi. Fridrih Mersiň ýolbaşçylygyndaky «Hristian-demokratik bileleşigi» (HDB) uly aratapawut bilen ýeňiş gazandy.

**2-nji mart.** Amerikanyň «Firefly Aerospace» kompaniýasynyň «Blue Ghost» kosmos apparaty Aýyň üstüne ýumşak gonuşy amala aşyrdy.

**9-njy mart.** Mark Karni Kanadanyň «Liberal» partiýasynyň lideri we Kanadanyň Premýer-ministri wezipesine bellenildi.

**13-nji mart.** Gresiýanyň Prezidenti Konstantinos Tasulasyň kasam kabul ediş dabarasy boldy.

**13-nji aprel.** Ýaponiýanyň Osaka şäherinde «EKSPO 2025: Bütindünýä sergisiniň» açylyş dabarasy geçirildi.

**6-njy maý.** Olaf Şols wezipesinden çekildi. Fridrih Mers Germaniýanyň täze federal Kansleri boldy.

**8-nji maý.** Konklaw amerikaly Robert Brewosty Rim papasy saýlady we ol Lew XIV adyny aldy.

**9-njy maý.** 1941 – 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan ýeňşiň 80 ýyllygy bellenildi.

**11-nji maý.** Albaniýada parlament saýlawlary. Edi Ramanyň ýolbaşçylygyndaky häzirki Sosialistik partiýa hökümetde köplügi eýeläp, gaýtadan saýlandy.

**13-17-nji maý.** Şweýsariýanyň Bazel şäherinde 69-njy «Ýewrowideniýe» aýdym-saz bäsleşigi geçirildi.

**18-nji maý.** Rumyniýanyň Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda Nikuşor Dan ýeňiş gazandy.

**1-nji iýun.** Polşanyň Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda Karol Nawroskiý ýeňiş gazandy.

**3-nji iýun.** Koreýa Respublikasynda geçirilen Prezident saýlawynda Li Çže Mýon ýeňiş gazandy.

**15-17-nji iýun.** Kanadada G7 ýurtlarynyň 51-nji sammiti geçirildi.

**6-7-nji iýul.** Braziliýanyň Rio-de-Žaneýro şäherinde BRIKS sammiti geçirildi.

**6-njy awgust.** Karol Nawroskiý Polşanyň Prezidenti wezipesine resmi taýdan girişdi.

**15-nji awgust.** Alýaskada Wladimir Putin bilen Donald Trampyň arasynda gepleşikler geçirildi.

**9-njy sentýabr.** Nýu-Ýorkda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasy açyldy.

**19-njy oktýabr.** Boliwiýada ählumumy saýlawlaryň ikinji tapgyrynda Rodrigo Pas ýeňiş gazandy.

**24-nji oktýabr.** Irlandiýada Prezident saýlawlarynda Ketrin Konnolli ýeňiş gazandy.

**1-nji noýabr.** Müsürde Uly Müsür muzeýiniň açylyş dabarasy boldy.

**10-21-nji noýabr.** Braziliýanyň Belen şäherinde COP30 (BMG-niň howanyň üýtgemegi baradaky maslahaty) geçirildi.

**22-23-nji noýabr.** Günorta Afrika Respublikasynyň Ýohannesburg şäherinde G-20 sammiti geçirildi. Bu Afrikada guralan ilkinji G-20 sammitidir.

**14-nji dekabr.** Çilide Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda Respublikan partiýanyň dalaşgäri Hose Antonio Kast ýeňiş gazandy.

## TARYHDA ŞU GÜN

**Fransuz suratkeşi we oýlap tapyjysy Lui Dager, hakykatdan hem, 1839-njy ýylyň 2-nji ýanwarynda özüniň «dagerotipiýa» usulyny ulanyp, Aýyň ilkinji fotosuratyny düşürdi. Şowly ýagdaýda düşürilen fotosurat o diýen aýdyň bolmasa-da, bu astronomiýada täze eýýamy açan uly ädim boldy. Şol wagta çenli alymlar asman jisimlerini diňe el bilen çyzyp belleýärdiler. Dageriň bu açyşy bolsa, asman jisimlerini takyk suratlandyrmaga ýol açdy.**



## Emeli aň internet pudagynyň ösmegine itergi berýär

«Tagesschau» habarlar portalynyň habar bermegine görä, Germaniýanyň Internet pudagy assosiasiýasynyň (Eco) sargydy esasynda «Arthur D.Little» maslahat beriş kompaniýasy tarapyndan geçirilen barlaglar ýakyn bäş ýylyň dowamynda bu ulgamda ortaça ýyllyk ösüşiň 9,7% boljakdygyny görkezýär. Şunlukda, pudagyň girdejisi şu ýylky 245 milliard ýewrodan 2030-njy ýyla çenli 389 milliard ýewro çenli ýokarlanar.

Geçirilen barlaglarda bu ösüşiň iki sany esasy sebäbi görkezilýär. Birinjiden, sanlylaşdyrmak durmuşyň we işiň ähli ugurlaryna aralaşýar. Ikinjiden, kompaniýalar we sarp edijiler emeli aň tehnologiýalaryndan has ýygy peýdalanýarlar. Emeli aňyň ulanylmagy häzirki zaman dinamikasynyň esasyny düzýär we täze biznes modellerini döredýär.



Oňyn çaklamalara garamazdan, Eco düzümleýin ýetmezçilikler we syýasy ýalňyşlyklar sebäpli ykdysady ösüşiň bökdelmegi barada duýdurýar. Esasy mesele sanly düzümiň, aýratyn-da, maglumatlary işleýiş merkezleriniň üpjünçiliginiň örän pesligidir. Barlaglaryň awtorlarynyň çaklamasyna görä, 2030-njy ýyla çenli Germaniýada IT-merkezleriniň birikdiriş kuwwaty, takmynan, 50% ýokarlanyp, 2,4-den 3,7 gigawata çenli artar. Emma senagat tarapyndan boljak islegiň azyndan, 3-5 esse artyp, 12 gigawata ýetmegine garaşylýar. Bu bolsa Germaniýanyň halkara bäsleşiginde has-da yza galmak howpuny döredýär.

Häzirki wagtda ABŞ-nyň kuwwaty Germaniýadan 20 esse köpdür. Barlaglara görä, goşmaça kuwwatlyklar döredilmese, hasaplama işleri daşary ýurtlara geçiriler, bu bolsa Germaniýanyň sanly özygtyýarlygyna täsir eder. Internet pudagy assosiasiýasy infrastrukturadaky boşluklaryň esasy sebäplerini süýüm-optiki ulgamlaryň haýal ösmeginde, kiçi we orta telekeçiligiň sanlylaşdyrmak babatyndaky ikirjiňlenmelerinde hem-de platformalar ulgamynda tejribäniň ýetmezçiliginde görýär.

– Eger aýgytly ädimler ädilmese, ösüş depgini peselip biler. Emeli aň we awtomatlaşdyrma hasaplama kuwwatyna hem-de ýokary tizlikli ulgamlara bolan islegiň çalt depginlerde artmagyna sebäp bolýar. Emma Germaniýadaky häzirki şertler bazary zerur bolan kuwwatlyklar bilen wagtynda üpjün etmäge mümkinçilik bermeýär – diýip, Eco-nyň baş direktory Oliwer Zýume belledi.

Germaniýada senagat üçin elektrik energiýasynyň nyrhlary (bir kilowat/sagat üçin, takmynan, 23 sent) ÝB-niň ortaça görkezijisinden 25% ýokarydyr. Bu bolsa kärhanalaryň ýerleşjek ýerini saýlamagynda uly bökdençlik döredýär we halkara bazarynda operatorlaryň bäsdeşlik ukybyny peseldýär.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.



# «Icehotel»: iň uly buz myhmanhanasy

**Syýahatçylyk pudagynda jahankeşdelere ýylyň-ýylyna dürli mümkinçilikler, amatly şertler, gaýtalanmajak başdangeçirmeler hödürlenýär. Bu, esasan, syýahatçylaryň isleglerini nazara almak bilen bagly bolup, şolaryň arasynda gyşyna dynç alýan myhmanlar üçin ýylda ýörite gurulýan buz myhmanhanalary aýratyn ünsi çekýär. Göz öňüne getiriň, gyşyň aňzakly sowugy, ap-ak dona bürenen tebigat we şol ýerde-de buzdan bina edilen myhmanhana. Buz myhmanhanalary sowuk howany gowy görýän syýahatçylar üçin niýetlenip, daşyndan aşa sowuk ýaly bolup görünýän hem bolsa, içerdäki temperatura otag şertinde –17/–23 derejede saklanýar. Myhmanhanadaky ähli zat: diwarlar, basgançaklar, lýustralar, stoldyr oturgyçlar, kürsüler, diwanlar buzdan ýasalýar. Hatda gap-gaçlar hem buzdan. Gazetimiziň şu sanynda dünýädäki iň uly buz myhmanhanasy baradaky gyzykly maglumatlary dykgatyňyza ýetirýäris.**

**Şwesiýanyň Ýukkasýarwi sebitinde ýerleşýän «Icehotel» myhmanhanasy gardan we buzdan gurlan dünýädäki ilkinji hemde iň uly myhmanhana hasaplanýar. 35 ýyldan gowrak wagt bäri myhmanlary garşy alýan bu ýerde gardan we buzdan ýasalan sungat gurnamalary, eksponatlar ýylyň-ýylyna täzeçe görnüşde ýasalýar. Buz**



**basgançaklary, buz lýustralary we buzdan döredilen kartinalary bilen syýahatçylarda ýatdan çykmajak täsirleri galdyrýan «Icehotel» myhmanhanasy hökman baryp görmeli ýerleriň biri hasaplanýar. Buz myhmanhanasynda doňan kitaphana, emeli tupan, Arktika heýkelleri ýaly gyzykly bölümler hem bar. Bu ýere dynç almaga baran myhmanlar ýüň düşekleriň ýa-da galyň sugun derisiniň üstünde uklaýarlar. Tutýan meýdany ýarym gektara (6 müň inedördül metr) barabar bolan tebigy myhmanhana sowukdygyna garamazdan, rahat dynç almaga mümkinçilik berýär. Gijesine pol-**



**ýar ýşyklaryna gizlenen bu ýerde itli ýa-da sugunly tirkegde gezelenç edip bolýar. «Icehotel» 1989-njy ýyldan bäri 1 milliondan gowrak syýahatçyny kabul etdi. Myhmanhanany gurmak üçin Torne derýasyndan müň tonnadan gowrak buz bölekleri getirilýär. Her ýyl tutuşlygyna gardan we buzdan täzeden gurulýan «Icehotel» myhmanhanasy ýaz paslynyň gelmegi bilen eräp, derýa goşulýar.**



## Dünýädäki iň batly ses

**Täze ýyl dabarasynyň bezegi bolan feýerwerk şowhunyny synlanyňda, iň batly ses feýerwerkiň sesimikä diýýärsiň. Käbir adam bolsa, kosmosa uçurylýan raketanyň sesini iň batly ses hasaplaýar. 3 kilometr uzaklykdan eşidilýän ýolbarsyň sesi hem jeňňeli ýaňlandyrýar. «Dünýädäki iň güýçli ses haýsy?» diýen sowala her kim sesi eşidişine görä jogap berýär.**

**Dünýädäki iň batly ses 1883-nji ýylda Indoneziýadaky Krakatau dagynda atylan wulkanyň sesi hasaplanýar. Wulkan partlamasy şeýlebir güýçli bolupdyr welin, takmynan, 3 müň kilometr uzaklykdan hem eşidilipdir. Häzirki zaman hasaplamalary wulkanyň atylan ýeriniň ses derejesiniň, takmynan, 310 desibel bolandygyny çaklaýarlar.**

**Adamyň gulagy üçin sesi eşitmek çydamlylygynyň çägi 140 desibel hasaplanýar. Deňeşdirmek üçin, tozan sorujynyň sesi 75 desibele, motobyçgynyň sesi 110 desibele we reaktiw hereketlendirijiniň sesi 140 desibele barabar. Adam birnäçe sagatlap 85 desibel sese sezewar bolanda eşitmek ukybyny hemişelik ýitirýär.**

**Alymlar Krakatau wulkanyndaky ses tolkunlarynyň Ýeriň daşyndan 7 gezek aýlanandygyny, Krakatau partlamasynyň ses ýygylygyny hakyky ses derejesi bilen takyk ölçäp bolmaýandygyny we hasaplamalaryň çaklamalara esaslanýandygyny belleýärler.**

# Çemçe, pyçak, çarşak: naharlanmagyň döwrebap usuly



**Adamzat taryhyna ser salanyňda, iýmit diňe bir ýaşaýyş üçin zerurlyk bolman, eýsem, dürli iýmitleniş düzgünlerini we däplerini hem kemala getiripdir. Häzirki wagtda adaty zat ýaly hasaplanylýan çemçe, pyçak we çarşak üçlügi emele getirýänçä, ýagny saçaga bilelikde goýulýança birnäçe taryhy döwri başdan geçiripdir. Gap-gaçlaryň peýda bolmagy adamlaryň iýmitleniş endiklerini üýtgetmegine täsir edipdir. Daş asyrynda ilkidurmuş adamlary miwe ýygnap, awçylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Iýmiti daş ýa-da süňk bilen owradyp, eli bilen iýipdirler. Iýmit tutuşlygyna közde bişirilýändigi sebäpli, gap-gaja we çemçä zerurlyk hem duýulmandyr. Oturymly durmuşa geçilip, ekerançylygyň ösmegi bilen suwuk naharlar hem taýýarlanylyp başlanypdyr. Şeýlelikde, aşhana guralynyň täze görnüşine zerurlyk duýlupdyr. Eýsem, naharlanmagyň häzirki zaman görnüşi haçan ýüze çykdyka?**

Çemçe stolda peýda bolan ilkinji aşhana guralydyr. Daş asyrynda adamlar agaçdan, süňkden we haýwanlaryň şahyndan ilkinji çemçäni ýasapdyrlar. Irki döwürlerde Gadymy Müsürde çemçeler diňe nahar iýmek üçin däl, eýsem, lukmançylyk maksatlary we kosmetik önümlerini ulanmak üçin hem peýdalanylypdyr. Müsür çemçeleri piliň süňkünden, bürünçden we agaçdan ýasalypdyr. Wagtyň geçmegi bilen Müsür çemçeleri Rime, Ýewropa we Hytaýdan Orta Gündogara çenli ähli ýere ýaýraýar hemde naharlanmak üçin aýratyn gurala öwrülýär.

Pyçak oýlanyp tapylyşy boýunça çemçeden has gadymy bolsa-da, ilkibaşda bu gural aw we goranmak maksadynda ulanylýar. Adamlar haýsydyr bir zady kesmek üçin çakmak daşyndan pyçak ýasapdyrlar. Soňlugy bilen bürünçden we demirden ýasalyp başlan bu gural kämilleşdirilip, häzirki görnüşine getirilipdir. Orta asyrlarda erkek kişiler stoluň başyna gelende, ýany bilen pyçak getiripdirler. Bişirilen uly bölek eti pyçagy bilen kesip iýipdirler. XVI - XVII asyrlarda stolda oturyp naharlanmak medeniýetiniň ösmegi bilen ýiti uçly pyçaklar ulanyşdan galyp, tegelek uçly kiçijik pyçaklar peýda bolupdyr. Indi pyçak goranmak üçin däl-de, medeniýetli naharlanmak üçin ulanylyp başlanypdyr.

Çarşak üç guralyň iň soňkusydyr. Gadymy Gresiýada çarşaga meňzeş gurallar et paýlamak üçin ulanylan hem bolsa, naharlanmak üçin XI asyrda Wizantiýa köşgünde peýda bolupdyr.

Medeniýetiň we senagatyň ösmegi bilen 1800-nji ýyllarda Beýik Britaniýada nahar stolunda çemçe, pyçak we çarşak üçlügi peýda bolýar. Bir toplum hökmünde görülýän bu gurallar nahar iýmegi aňsatlaşdyryp, medeniýetliligiň täze nusgasyny emele getirdi. Adatça, çarşak bilen pyçak bilelikde ulanylýan gural bolup, pyçak sag elde, çarşak bolsa çep elde tutulýar. Pyçagyň zerurlygy bolmadyk iýmitlerde çarşak sag elde hem ulanylyp bilinýär.

**Bary-ýogy 35 ýaşaýjysy bolan Fula adasynda dükan, kafe, Wi-Fi we elektrik togy ýok.**



# TÄZE ÝYLYŇ IŇ SOŇKY DURALGASY

Bütin dünýäde täze ýyl uly şatlyk-şowhun bilen garşy alyndy. Adatça, Täze ýyly dünýäniň köp bölegi 31-nji dekabrda garşy alýar. Emma dünýäniň käbir ýerlerinde tapawutly senenama ulanylýandygy sebäpli bu baýramçylyk 7-10 günden soň bellenilýär. Halkara gatnaşyklaryň we söwdanyň artmagy bilen geçen asyryň başlarynda bütin dünýäde ýulian senenamasyndan grigorýan senenamasyna geçildi. Bu ýagdaý ähli ýurtlarda birmeňzeş hasaby ýöretmäge mümkinçilik berýär. Netijede, häzirki wagtda bütin dünýäde bu senenama ulanylýar. Şeýle-de bolsa, dünýäniň käbir ýerlerinde gadymy däbe görä, ozalky senenamany ulanýanlar hem bar. Şolaryň biri hem Beýik Britaniýa degişli bolan Fula adasy hasaplanýar.



Şotlandiýanyň Şetland arhipelagynyň düzümindäki bu ada Beýik Britaniýanyň iň uzakdaky ilatly nokady hasaplanýar. Şotlandiýanyň gury ýer böleginden 200 kilometrden hem daşda ýerleşýän bu adanyň ýaşaýjylary täze ýyla ýanwaryň 12-sinden 13-ine geçilýän gije gadam basýarlar. Sebäbi adanyň ýaşaýjylary bu baýramçylygy ýulian senenamasyna görä belleýärler. Beýik Britaniýada ýulian senenamasyndan grigorýan senenamasyna has ir – 1752-nji ýylda geçilýär. Şeýle-de bolsa, adanyň ýaşaýjylary ozalky senenamany ulanmagyny dowam etdiripdirler.

Şetland arhipelagyna degişli bolan Fula adasynyň ýaşaýjylary Täze ýyly ristit (duza ýatyrylan goýun eti) we tattie çorbasy ýaly milli tagamlary bilen garşy alýarlar. Adanyň bary-ýogy 35 ýaşaýjysy bolup, baýramçylygy köpçülik bolup belleýärler. Tutýan meýdany 13 inedördül kilometre barabar bolan adada dükan, kafe, Wi-Fi we hemişelik elektrik togy ýok. Beýik Britaniýanyň çet



adasyna myhmanlar häli-şindi gaýykly ýa-da uçarly baryp gaýdýarlar. Bu ýerde deňiz tebigatyny synlap, asuda dynç alyp bolýar. Uzyn guýrukly ýerli goýunlary we poni atlary bilen meşhur bolan adada deňiz jandarlarynyň hem ýüzlerçesi duş gelýär. Bu ýerdäki deňiz gaýasy adanyň nyşany hasaplanýar. Syýahatçylaryň aglaba bölegi Fula adasyna mart aýynda gezelenç edýärler.

Ýer ýüzündäki sagat guşaklygynyň tapawudy sebäpli, Täze ýyly ilkinji bolup Halkara sene çyzygynyň günbataryndaky ülkeler garşy alýar. Olaryň arasynda Ýuwaş ummanyndaky Kiribati Respublikasyna degişli Kiritimati adasy (Roždestwo adasy) bar. Soňra bolsa, Garaşsyz Samoa döwletine we Tonga Patyşalygyna degişli adalar Täze ýyly garşylaýarlar. Täze ýyly iň soňky bolup, ýokarda bellenen adalaryň golaýyndaky Amerikan Samoasy we Ýuwaş ummanyndaky beýleki adalaryň ýaşaýjylary belleýärler.

# Näme üçin sowadyjynyň içi AK REŇKDE BOLÝAR?

**Aşhananyň aýrylmaz bölegi bolan sowadyjy 1834-nji ýylda amerikaly inžener Ýakob Perkins tarapyndan oýlanyp tapylýar. Iki asyra golaý taryhy bolan bu enjam birnäçe ösüşi başdan geçiripdir. Ilkibaşda şkafa meňzedilip çykarylan sowadyjynyň häzirki wagtda iki gatly, doňduryjy we sowadyjy bölegi aýratyn bolan dürli görnüşleri bar. «Akylly» sowadyjylaryň satuwa çykarylandygyna garamazdan, bu enjamyň içki görnüşi şol durkunda saklanypdyr. Syn eden bolsaňyz, sowadyjyny haýsy kompaniýanyň öndürendigine garamazdan, hemmesiniň içi ak reňkde bolýar. Eýsem, iýmiti zaýalaman saklaýan bu enjamyň içi näme üçin diňe ak reňkde çykarylýar?!**

- **Adaty zat ýaly görünýändigine garamazdan, sowadyjynyň içiniň ak reňkde bolmagy akylly çözgüt hasaplanylýar. Bu çözgüt dizaýn, psihologiýa, tehnologiýa we gündelik endiklerimiz bilen berk baglanyşyklydyr.**
- **Ak reňk arassaçylygy we sagdynlygy aňladýar. Şol sebäpli öýde azyk önümleriniň saklanýan esasy ýeri bolan sowadyjynyň içi ak reňkde çykarylýar.**
- **Ak reňk içerki ýagtylygy iň gowy derejede şöhlelendirýär. Bu bolsa sowadyjydaky iýmit önümlerini pes ýagtylykda hem aňsatlyk bilen görmäge mümkinçilik berýär.**
- **Bilşimiz ýaly, sowadyjynyň içki bölegi plastmassadan öndürilýär. Ak reňkli plastik önümçilikde amatly bolup, artykmaç boýag we himiki maddalar goşulmaýar. Şol sebäpli sowadyjylarda ak reňkli plastik ulanylýar.**
- **Sowadyja miwedir gök önümler bilen bir hatarda, et önümleri, süýt önümleri, ýumurtga we galan naharlar hem goýulýar. Iýmit önümlerinden degen tegmil ýa-da şire ak reňkde acdyň duýulýär. Bu bolsa wagtly-wagtynda arassaçylyk işlerini geçirmelidigini ýatladýar.**
- **Sowadyjynyň içiniň ak reňkde bolmagynyň**



**esasy sebäpleriniň biri miwedir gök önümleri ýa-da iýmiti hakyky öz reňkinde görkezmegidir. Sowadyjyny açanyňda, azyk we gök önümleriň terdigini ýa-da zaýalanyp ugrandygyny aýdyň görüp bolýar.**
- **Sowadyjynyň içi bölek-bölek bolup, aýrylyp, sökülip-düzülýän görnüşde öndürilýär. Şeýlelikde, tegmilleri we hapany arassalamak aňsat bolýar. Ak reňkli plastikde arassaçylyk işlerini geçirmek amatly bolup, kiçijik hapa çenli saýgaryp bolýar.**
- **Ak reňk ýylylygy deň derejede paýlap, sowadyjynyň içindäki temperaturanyň şol bir durkunda saklanmagyny üpjün edýär. Bu bolsa sowadyjynyň kadaly we uzak wagtlap işlemegine ýardam edýär.**

# Gar ýagýar-a, gar ýagýar...

**Gyş paslynyň bezegi bolan garyň ýagmagy hemmeler üçin şatlykly pursada öwrülýär. Gar oýnamagy, gardan dürli şekilleri we gar adam ýasamagy, megerem, halamaýan ýok bolsa gerek. Eýsem, gar nädip emele gelýär?!**

Howa sowanda atmosferadaky kiçijik buz kristallary biri-birine ýapyşyp, gar emele gelýär. Howanyň temperaturasy 2 derejeden pes bolanda ýagyş, ýagny atmosferadaky çyglylyk gar görnüşinde aşak düşýär. 0 derejeden 2 dereje aralykda iň agyr gar gatlaklary Ýere düşüp bilýär. Gar uçganaklap, kebelekläp, boranlap ýa-da syrgynlap ýagýar. Garyň ýaldyraýan görnüşine buldurçyn diýilýär. Howa 0 derejeden ýyly bolanda gury gar ýagýar. Gury gar ýaganda buz kristallary biri-birine ýapyşmaýar. Şol sebäpli gar tozgalary hem kiçijik bolýar. Muňa başgaça «tozanly gar» hem diýilýär. Howa 0 derejeden aşak düşende, ýagny minus (–) bolanda, buz kristallary biri-birine ýapyşyp, owadan şekilli uly gar tozgalaryny emele getirýär. Garyň reňki ak bolup görünýän hem bolsa, aslynda suw ýaly reňksizdir. Gar tozgalary şöhläni uzyna serpikdirip, ak reňkde görünýär. Gar ýagýan ýerine görä, çal, mämişi we gögümtil reňkde hem bolup bilýär.



Gar atmosferadan 1 sagat çemesi wagtda Ýere düşýär. Garyň düşüş tizligi sagatda 1 kilometrden 14 kilometre çenli bolup bilýär. Tozgajyklar aşak düşýän mahaly howadaky çygy özüne çekýär we ýeliň ugruna görä tizligini artdyrýar. Tozgajyklaryň hiçisi beýlekisine meňzemeýär we ýere düşende biri-birine degmeýär. Gar tozgasy, esasan, şahajyga meňzeş 6 burçly buz kristallary görnüşinde bolýar.

**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**



**6 tapawudy tapyň!**



**Gyzykly pursat**





## 1-nji KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **2.** Italiýada bir dag. **3.** 100 kg barabar ölçeg birligi. **4.** «... peri bilen görkli, bilbil – owazy bilen» (nakyl). **5.** Suw. **6.** «Her gülüň bir ... bar» (nakyl). **7.** Düşüm goşulmasy. **8.** Jaýrykdan, kiçijik aralykdan görünýän ýagtylyk. **9.** Gurat, bitin. **10.** Aşhana guraly. **11.** Ýaramaz, ugursyz. **12.** Köpçüligiň öňünde sözlenýän söz. **14.** Küşdüň bir çöpi. **15.** Peýdasyna çapýan, kanagatsyz. **17.** Eliň aýa süňki. **20.** «Ýolda duşan ýolda ...» (nakyl). **24.** Göze düşýän menek. **25.** Ata-baba, eždat. **26.** Pul birligi. **28.** Ätlenendäki aralyk. **30.** Aldamak, aldaw toruny gurmak. **32.** Elektrik toguny gowy geçirýän metal. **34.** Aýan, aýdyň. **35.** Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy. **37.** Günorta Amerikada bir döwlet. **39.** Goýy gök reňkli mineral (Na[SO4]). **40.** Topukdan baldyra çenli aralyk. **41.** Ýurduň kiçi administratiw bölegi. **42.** Köp zady bilýän, parasatly. **43.** Öňüni almak üçin edilýän germew, päsgelçilik. **45.** Jemgyýetçilik kadalarynyň döwlet tarapyndan bellenen ulgamy. **46.** Iýmit. **47.** Maksat, niýet. **48.** Kesgitlenen ölçeg, ülňi. **50.** Dini dereje. **51.** Keseligine däl, göni. **54.** Moskwanyň merkezindäki gala. **57.** Dutaryň perdelenen bölegi. **60.** Ilkinji eldekileşdirilen haýwanlaryň biri. **62.** Un elenende galýan galyndy. **65.** Hetdenaşa, artyk. **66.** Bekreler maşgalasyndan tumşugy ýasyrak uly balyk. **67.** Halk döredijiliginiň bir görnüşi. **68.** Gara-ala ýelekli guş. **70.** Piliň sap geýdirilýän ýarym aý şekilindäki bölegi. **71.** Jaý gurluşygy boýunça hünärmen. **73.** Asman gözýetimindäki howa giňişligi. **74.** Okuw esbaby. **75.** Dutarda iň aşaky, esasy perde. **76.** Barmak bilen urulýan urgy. **77.** Ýanardag atylanda ýeriň üstüne eräp çykýan mineral jisimler. **78.** Daşary ýurt dili. **80.** Nota. **81.** Bezeg şaýlarynyň gaşyna oturdylýan mineral. **83.** Suwy süýjemedik, bişmedik üzüm. **86.** Halkara gurama. **89.** Sypat ýasaýjy goşulma. **90.** Geljek zaman işliginiň goşulmasy. **93.** Baglaýjy kömekçi. **94.** At ýasaýjy goşulma. **95.** Nota.

● **KESELIGINE:** **1.** Tropik ýerlerden ekwatora tarap öwüsýän gury ýel. **6.** Azar, ezýet. **10.** Gumda, dagda bitýän ýogyn baldakly dermanlyk ösümlik. **13.** Kümüşden ýasalýan bezeg şaýy. **16.** Müňkürlik, güman. **18.** Şygyr düzülişiniň bir görnüşi. **19.** At ýasaýjy goşulma. **21.** Baglaýjy kömekçi. **22.** Ýyrtyjy haýwan. **23.** Münmek, ýük daşamak üçin serişde. **25.** Bölüşilende, paýlananda ýetýän bölek. **27.** Bezegli başgap. **29.** Ýokarsy syh-syh baldakly miwe. **31.** Ýaz paslynda wagtlaýyn çykýan, iýilýän ösümlik. **33.** Pejiň tüssesini, howruny çekýän turba. **36.** Beden agzasy. **38.** Fransiýaly meşhur futbolçy we tälimçi. **39.** Sypat ýasaýjy goşulma. **40.** Düýäniň bir görnüşi. **42.** Suw gyzanda emele gelýän çygly howa. **44.** Baş, kelle. **45.** Daş keşbini üýtgedip durýan, suwulgana meňzeş jandar. **49.** Gymmatbaha gyzyl daş. **51.** Nahar bişirilende gerekli esasy zat. **52.** Ýaýyň oky. **53.** Lüýk, palçyk. **55.** Dilnen, gyrasy ýyrtylan ýer. **56.** Bezeg üçin öýde, köpçülik ýerlerinde saklanýan tropik ösümlik. **58.** Amerikanyň dürli hili şokoladlary öndürýän kompaniýasy. **59.** Iki zadyň ortalygy, merkezi. **61.** Günorta ýurtlarda bitýän agaç. **63.** Sport görnüşi. **64.** Türkmenistanyň futbol topary. **67.** Ot-iými ýetik, semiz mal. **69.** Gönüburçluk görnüşde boglan ot. **70.** Göwrümi uly, ullakan. **72.** Elektrik garşylygynyň birligi. **73.** Ýagyşdan soň, ekilen ýeriň üstünde emele gelýän ýukajyk gatlak. **75.** Görkezme çalyşmasy. **76.** Gawun-garpyzyň biýarasyndan ýolnup aýrylýan ýerindäki bölegi. **79.** Bitin sanyň ýüzden bir ülşi. **81.** Türkmen bagşyçylyk ýolunyň bir görnüşi. **82.** Çişlik bişirilýän ýasyja demir. **84.** Kakadylan gawun. **85.** Aziýanyň uly derýalarynyň biri. **87.** Eli şypaly adam. **88.** At çalyşmasy. **90.** Söýgülilik derejesiniň goşulmasy. **91.** Gatnaw serişdeleriniň säginýän ýeri. **92.** Köp ýyllap ekin ekilen, hasyly az berýän ýer. **94.** Çabydyň ýakasyna dakylýan, iki ýany gulply kümüş şaý. **96.** Bäş barmaga dakylýan ýüzükleriň arasyny birleşdirýän zynjyr. **97.** Uzyn gonçly aýakgap. **98.** Möýe meňzeş möjejik.



## 2-nji KROSSWORD

Begsoltan **TÄŞLIÝEWA,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

Üç ölçegli suratyň içinde başga bir şekil gizlenen. Ony görmek üçin «gözüň bilen seretmeli, beýniň bilen görmeli». Suraty gymyldatman saklap, bulam-bujar şekiliň aňyrsyna serediň we biraz wagtdan gözüňizi ýuwaşlyk bilen suratdan daşlaşdyryň! Başga bir şekil peýda bolar.

**Birinji gezekde görüp bilmeseňiz, az-kem dynç alyp, täzeden synanyşyň!**

## Üç ölçegli surat






## 3-nji KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** Jeren. **2.** Alaç tapmaýan, çäresiz. **3.** Multfilm gahrymany. **4.** At esbaby. **5.** Bugdaý, arpa ekinlerinden alynýan hasyl. **6.** Tansyň bir görnüşi. **7.** Isrip bolan. **8.** Ujy uzyn demir çişli sowuk ýarag. **9.** Ýasy däl, lokga. **16.** Gündogar Afrikada bir döwlet. **18.** Çalt ylgaýan, ýüwrük. **20.** Ol tarap, ol ýan. **21.** Birnäçe, ençeme. **22.** Amatly ýagdaý, maý. **23.** Saz guraly. **24.** Mal iýmiti üçin guradylyp taýýarlanylan ot, ýorunja. **25.** Gyz ady. **28.** Dokmaçylyk guraly. **29.** Ýüňüň, pagtanyň egirmek üçin süýlüp goýlan görnüşi. **30.** Nesilden-nesle geçýän mal, mülk. **31.** Puly nagt berilmedik, nyrhy tölenmedik. **33.** Syrçaly kiçijik küýze. **34.** Näzikden ejiz. **35.** Koreýa Respublikasynyň awtoulag kompaniýasy. **37.** Ene-... **42.** Ýere ýaýrap ýazgyn ösýän, iýilýän ot. **44.** Beýik Seljuk türkmen döwletini esaslandyran hökümdar. **46.** Nemes awtoulagy. **47.** Jorji ... ispan futbolçysy. **49.** Mekan, ýurt. **50.** Ýuka gaýyşdan tikilen ökjesiz, ýumşak ädik. **51.** It tohumy. **52.** Sazyň depgini. **55.** Nahar bişirýän adam. **56.** Äşgär. **58.** Oglan ady. **60.** Öri meýdan. **61.** Jaýyň öň diwaryna berkidilip gurlan, töweregi açyk, üsti ýapyk jaý. **62.** Halk şahyry, bagşy. **63.** Ot, alaw. **64.** Däneli ekin. **65.** Daş görnüşi uly, daýaw.

● **KESELIGINE:** **1.** Kada-... **4.** Nöker. **7.** Bezeg, owadanlyk. **10.** Seresaplylyk bilen. **11.** Haýal, ýuwaş. **12.** Ýelmemek üçin ulanylýan suwuk madda. **13.** Gyş egin-eşigi. **14.** «Gunça düşmez aşyklara dilekle,/Gelin-gyzlar ... ýaýar bilekle» (Garajaoglan). **15.** Çölde ösýän sazaga meňzeş agaç. **17.** Kölege. **19.** Goýun ýüňünden basylyp edilýän düşek. **22.** Kül reňkine meňzeş reňk. **24.** «Ýaşuly, ata» manysynda aýdylýan söz. **26.** Kowum-garyndaş. **27.** «Adam alasy ..., haýwan alasy daşynda» (nakyl). **28.** Dik däl, gyşyk. **30.** Iň ýönekeý doýgun uglewodorod. **32.** Goluň göwrä birleşýän ýerinden boýna çenli aralyk, gerden. **35.** Miwe. **36.** Garşylygy aňladýan baglaýjy. **38.** Gyz ady. **39.** Bir topar çylşyrymly şekilleriň, harplaryň we belgileriň üsti bilen aňladylýan tapmaça. **40.** Ýalňyş, nädogry. **41.** Kwars çägesini eretmek ýoly bilen alynýan dury jisim. **43.** Akmaýan suw. **45.** Italiýanyň futbol topary. **48.** Saçy, kirpigi garaltmak üçin ulanylýan boýag. **51.** Pişikler maşgalasyndan bolan ýyrtyjy jandar. **53.** Meşhur hytaý agajy. **54.** Ertekilerde gahrymanlary agyr ýagdaýlardan halas edýän hyýaly guş. **55.** Miwe. **57.** Britan ses ýazgy kompaniýasy. **59.** Togonyň paýtagty. **62.** Akdan göze ýakymly. **64.** Ýagy azrak, suwy köpräk guýlup, tüwüden bişirilýän nahar. **66.** Içi zaýalanan, içi düşen. **67.** Gyzyl, altyn. **68.** «Gury sözden ... bolmaz, ýag bilen tüwüsi bolmasa» (nakyl). **69.** Zaýa, isrip. **70.** Közüň howruna bişirilýän kebabyň bir görnüşi. **71.** Ýer, toprak. **72.** Toýun palçyk. **73.** Inçe bolmadyk.

**50-nji skanwordyň jogaby:**



**65-nji krosswordyň jogaby:**





Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.



# Yzly-yzyna 3-nji gezek kubogy eýeledi

**Türkmenistanyň çempionlygyndan soň Türkmenistanyň Kubogy ýaryşynda hem «Arkadag» topary ýeňiş gazandy. Arkadag şäherindäki «Arkadag» stadionynda oýnalan finalda «Arkadag» topary «Ahal» topary bilen duşuşdy. Soňky 2 ýylda-da finalda duşuşan toparlaryň bu gezekki oýnunda-da «Arkadag» topary üstün çykmagy başardy. Duşuşykda «Ahal» topary 24-nji minutda Ýakupmuhammet Gowşudow hasaby açdy. 2-nji ýarymda 66-njy minutda «Ahal» topary meýdançada 1 oýunçy kem bolup galdy. Has takygy, Salim Umarow gyzyl kart aldy. 67-nji minutda bolsa 11 metrlik jerime urgusyny dürs ýerine ýetiren Şamämmet Hydyrow hasaby deňledi. Ol bu goldan 10 minut soň 2-nji goluny hem geçirdi. Şunlukda, 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Arkadag» topary bassyr 3-nji gezek «Ahal» toparyny ýeňip, Türkmenistanyň Kubogyna mynasyp boldy.**

# «ARKADAG» TOPARYNYŇ BIJESINE «AL-NASSR» TOPARY DÜŞDI

Geçen hepdäniň dowamynda AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynda toparçadaky iň soňky duşuşygynda ýeňiş gazanyp, 2-nji orun bilen 1/8 finala çykan «Arkadag» toparynyň garşydaşy belli boldy. Ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» toparynyň bijesine Saud Arabystanynyň «Al-Nassr» topary düşdi. 1-nji duşuşyk ýurdumyzda oýnalar. Häzirki wagtda Saud Arabystanynyň çempionatynda 1-nji orunda barýan «Al-Nassr» toparynyň düzüminde Kristiano Ronaldo, Žoao Feliks, Sadio Mane, Kingsli Koman, Inýigo Martines, Marselo Brozowiç ýaly dünýä belli ýyldyz futbolçylar çykyş edýär.




Duşuşyklaryň geçiriljek wagty AFK tarapyndan kesgitlenip, 1-nji oýun 11-nji fewralda, çarşenbe güni Arkadag şäherindäki «Arkadag» stadionynda oýnalar. Duşuşyk 18:45-de başlanar. Jogap duşuşygy bolsa laýyk 1 hepdeden 18-nji fewralda, Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýaddaky «King Saud University» stadionynda oýnalyp, ol ýerli wagt bilen 21:15-de başlanar.

● Günbatar sebitinde Kataryň «Al-Ahli» topary bolsa Eýranyň «Sepahan» topary bilen duşuşar. Eýranyň başga bir kluby «Esteglal» bolsa Iordaniýanyň «Al-Hussein» topary bilen bije çekişdi. Çempionlygyň dalaşgärlerinden BAE-niň «Al Wasl» topary çärýek finala çykmak üçin ilki Yragyň «Al-Zawraa» toparyny ýeňmeli bolar.

Jemi 16 klub ýaryşy dowam edip, olaryň 8-si Günbatar, galan 8-si bolsa Gündogar sebite wekilçilik edýär. 1/8 finalyň duşuşyklary Günbatar sebiti üçin 1-nji oýunlar 10–11-nji fewralda, jogap duşuşyklary-da 17–18-nji fewralda geçiriler. Gündogar sebitiniň oýunlary-da 11–12-nji hem-de 18–19-njy fewralda oýnalar.

1/8 finalda ýeňiş gazanan toparlar çärýek finala çykarlar we çärýek finalyň oýunlary mart aýynda, şol sanda, ýarym finalyň duşuşyklary aprel aýynda geçiriler. AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynyň çempiony 16-njy maýda geçiriljek finalda belli bolar.

**Günbatar sebiti**
«Al Zawraa» (Yrak) – «Al Wasl» (BAE)
«Arkadag» (Türkmenistan) – «Al-Nassr» (Saud Arabystany)
«Sepahan» (Eýran) – «Al Ahli» (Katar)
«Esteglal» (Eýran) – «Al-Hussein (Iordaniýa)

**Gündogar sebiti**
«Phohan Stilers» (Koreýa Respublikasy) – «Gamba Osaka» (Ýaponiýa)
«Ratçaburi» (Tailand) – «Persib Bandung» (Indoneziýa)
«Bangkok Ýunaýted» (Tailand) – «Makartur» (Awstraliýa)
«Kongan» (Wýetnam) – «Tampines Rowers» (Singapur)

# Toparçadaky duşuşyklar tamamlanyp, 1/8 finala çykanlar belli boldy

**Marokkoda dowam edýän 35-nji Afrika Milletler Kubogy ýaryşynda toparçadaky duşuşyklar tamamlandy. Netijede, 1/8 finala çykan toparlaryň ählisi belli boldy.**

**«A»** toparçada Marokkonyň ýygyndysy 2-nji oýnunda Mali bilen deňme-deň oýnap, 3-nji duşuşygynda Zambiýanyň ýygyndysynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirdi. Marokkonyň toparçada geçiren 6 goluny 2 futbolçy öz adyna ýazdyryp,







Brahim Diaz her oýunda tapawutlanmagy başardy. 1–3-nji duşuşyklarda tapawutlanan El-Kaabi geçiren gollarynyň 2-sini üstaşyr ýagdaýda derweze girizdi. Toparçada Maliniň ýygyndysy 3 duşuşygynda-da deňme-deň oýnap, 2-nji orny eýeledi.

**«B»** toparçada Müsüriň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda Mohamed Salahyň 45-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan salan goly esasynda Günorta Afrikanyň ýygyndysyndan üstün çykyp, 1/8 finala adyny ýazdyran ilkinji topar boldy. Müsürliler 3-nji duşuşygynda Angola bilen golsuz deňme-deň oýnady. Çekeleşikli geçen oýunda Zimbabweniň ýygyndysyny 3–2 hasabynda ýeňen Günorta Afrikanyň milli topary toparçada 2-nji orna mynasyp boldy.

**«C»** toparçada Nigeriýanyň ýygyndysy 3 duşuşygynda-da ýeňiş gazanan 2 toparyň biri bolup, olar 2-nji duşuşygynda Tunisi 3–2 we 3-nji duşuşygynda Ugandany 3–1 hasaplar bilen utdy. Toparçada Tunisiň ýygyndysy 4 utuk toplap, 2-nji orna mynasyp boldy.

**«D»** toparçada Senegalyň ýygyndysy Kongo DR-niň ýygyndysy bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnap, olara beninli futbolçylary utmak kyn düşmedi. 3–0 hasabynda ýeňiş gazanan günbatar afrikalylaryň gollaryny Sek, Diallo hem-de Ndiaýe öz atlaryna ýazdyrdylar. Kongo DR-niň ýygyndysy bolsa Botswanany Mbuku we Gael Kakutanyň (2) gollary bilen 3–0 hasabynda utup, toparçada Senegal ýaly 7 utuk toplamagy başardy.

**«E»** toparçada Alžiriň ýygyndysy Burkina Fasonyň ýygyndysyny Mahreziň 23-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren ýeke-täk goly esasynda ýeňdi. Alžiriň ýygyndysy 3-nji duşuşygynda Ekwator Gwineýasyny 3–1 hasabynda ýeňip, Nigeriýadan soň 9 utuk toplan 2-nji milli topar boldy.



**«F»** toparçada iki güýçli toparyň — Kot-d'Iwuar bilen Kamerunyň milli ýygyndylarynyň arasyndaky oýunda ýeňiş gazanan bolmady. Ýöne olaryň 2-si hem 3-nji duşuşyklarynda ýeňiş gazanmagy başardy. Kot-d'Iwuar garşydaşy Gabonyň 2-0 hasabynda öňde barýandygyna garamazdan, 3–2 hasabynda ýeňiş gazanmagyň hötdesinden geldi. Kanga bilen Buanganyň gollaryna soňky çempion Kot-d'Iwuaryň ýygyndysyndan Krasso, Gessand hem-de 90-njy



minutdan soň Ture jogap berdi. Gabonyň ýygyndysy bu oýundan öň Mozambikden hem 3–2 hasabynda ýeňlipdi. Kamerunyň ýygyndysy hem Mozambigiň milli toparyny garşydaşynyň ilkinji bolup hasaby açandygyna garamazdan, Nene hem-de Kofaneniň gollary bilen 2–1 hasabynda utmagy başardy.

Toparçalardaky oýunlardan soň «A» toparçada Marokko bilen Mali, «B» toparçada Müsür bilen Günorta Afrika, «C» toparçada Nigeriýa bilen Tunis, «D» toparçada Senegal bilen Kongo DR, «E» toparçada Alžir bilen Burkina Faso, «F» toparçada Kot-d'Iwuar bilen Kamerun 1-2-nji orunlary eýelediler. 3-nji ýeri eýelänleriň arasyndan iň gowy 4-si ýaryşy dowam etdirip, 3 utuk gazanan Benininiň («D»), Sudanyň («E») hem-de Mozambigiň («F») ýygyndylary 1/8 finala çykdy. Olaryň hataryna 3 sany 2 utukly toparyň arasyndan 3 gol geçirip, 4 gol geçirden Tanzaniýanyň ýygyndysy («C») goşuldy.

1/8 finalyň duşuşyklary 3–6-njy ýanwar aralygynda geçiriler. Ýer eýeleri Marokkonyň ýygyndysy Tanzaniýa bilen duşuşsa, Nigeriýanyň ýygyndysy Mozambik bilen güýç synanyşar. Müsüriň garşydaşy Benin bolup, tapgyryň iň öňe saýlanýan oýnunda Günorta Afrika bilen Kamerunyň ýygyndylary duşuşarlar. Şol sanda Alžir bilen Kongo DR-niň ýygyndylarynyň arasyndaky duşuşyk hem tapgyryň esasy oýunlarynyň biri bolar.

Ýeňiş gazanan toparlar 9–10-njy ýanwarda çärýek finalda duşuşarlar. Ýarym finalyň duşuşyklary bolsa 14-nji ýanwarda geçirilip, final duşuşygy 18-nji ýanwarda oýnalar.

**Toparçalardaky 2–3-nji duşuşyklaryň netijeleri:**

**«A»: Zambiýa—Komor adalary: 0–0, Marokko—Mali: 1–1** (Brahim Diaz 45+5 p — Sinaýoko 64 p), **Mali—Komor adalary: 0–0, Zambiýa—Marokko: 0–3** (El-Kaabi 9, 50, Brahim Diaz 27)

**«B»: Angola—Zimbabwe: 1–1** (Dala 24 — Musona 45+6), **Müsür—Günort Afrika: 1–0** (Salah 45 p), **Angola—Müsür: 0–0, Zimbabwe—Günorta Afrika: 2–3** (Maswanhise 19, Modiba 73 ö.d. — Moremi 7, Foster 50, Appollis 82 p)

**«C»: Uganda—Tanzaniýa: 1–1** (Ikpeazu 80 — Msuwa 59 p), **Nigeriýa—Tunis: 3–2** (Osimhen 44, Ndidi 50, Lukman 67 — Talbi 74, Al-Abdi 87 p), **Uganda—Nigeriýa: 1–3** (Mato 75 — Onuaçi 28, Onýedika 62, 67), **Tanzaniýa—Tunis: 1–1** (Salum 48 — Garbi 43 p)

**«D»: Benin—Botswana: 1–0** (Ýohan Roşe 28), **Senegal—Kongo DR: 1–1** (Mane 69 — Bakambu 61), **Benin—Senegal: 0–3** (Sek 38, Diallo 62, Ndiaýe 90+7 p), **Botswana—Kongo DR: 0–3** (Mbuku 31, Gael Kakuta 41 p, 60)

**«E»: Ekwator Gwineýasy—Sudan: 0–1** (Saul Koko 74 ö.d.), **Alžir—Burkina Faso: 1–0** (Mahrez 23 p), **Sudan—Burkina Faso: 0–2** (Traore 16, Kuassi 85), **Ekwator Gwineýasy—Alžir: 1–3** (Nsue 50 — Belaid 19, Çaibi 25, Maza 32)

**«F»: Gabon—Mozambik: 2–3** (Obameýang 45+5, Muketu-Mussonda 76 — Bangal 37, Katamo 42 p, Kalila 52), **Kot-d'Iwuar—Kamerun: 1–1** (Diallo 51 — Konan 56 ö.d.), **Gabon—Kot-d'Iwuar: 2–3** (Kanga 11, Buanga 21 — Krasso 44, Gessand 84, Ture 90+1), **Mozambik—Kamerun: 1–2** (Katamo 23 — Nene 28, Kofane 55)

**Iň köp gol geçirenleriň sanawy:**
Brahim Diaz (Marokko) — 3
Aýub El-Kaabi (Marokko) — 3
Riýad Mahrez (Alžir) — 3

**1/8 finalyň oýunlary:**
**3-nji ýanwar (şenbe)**
Senegal—Sudan (21:00)
Mali—Tunis (00:00)
**4-nji ýanwar (ýekşenbe)**
Marokko—Tanzaniýa (21:00)
Günorta Afrika—Kamerun (00:00)
**5-nji ýanwar (duşenbe)**
Müsür—Benin (21:00)
Nigeriýa—Mozambik (00:00)
**6-njy ýanwar (sişenbe)**
Alžir—Kongo DR (21:00)
Kot-d'Iwuar—Burkina Faso (00:00)



# ÝENE ÝEWROPA DOLANDY

Braziliýaly weteran futbolçy Tiago Silwa ýene-de Ýewropa gaýdyp geldi. 41 ýaşyndaky ýyldyz oýunçy Portugaliýanyň «Porto» topary bilen möwsümiň ahyryna çenli şertnama baglaşdy. Gerek bolan ýagdaýda ol ýene-de 1 ýyl klubda galyp biler. Ol 2004/05 möwsüminde-de «Portonyň» «B» toparynda oýnapdy. Braziliýanyň «RS Futebol» klubunda futbola başlan Tiago Silwa ýurdunyň başga bir kluby «Ýuwentude» toparynda-da çykyş edipdi. 2006–2008-nji ýyllarda «Fluminensede» oýnan Tiago Silwa geçen ýylyň tomsunda Ýewropadaky 13 ýyllyk başdan geçirmesini tamamlap, şol topara dolanypdy. Ol Ýewropada «Milan», PSŽ, «Çelsi» klublarynda çykyş edip, ençeme çempionlyk gazandy.

# «Real Madrid» ýaş oýunçysyny «Liona» ugratdy



Ispaniýanyň «Real Madrid» toparynyň braziliýaly hüjümçisi Endrik möwsümiň galanyny Fransiýanyň «Lion» toparynda kärendesine geçirer. Ýagny 19 ýaşyndaky oýunçy iýul aýyna çenli «Lionda» kärendesine çykyş eder. «Lion» topary ispan klubuna Endrigiň kärende tölegi hökmünde 1 million ýewro berer. 2024-nji ýylyň tomsunda «Realyň» düzümine goşulan Endrik şu möwsümde bary-ýogy 3 duşuşykda meýdança çykyp, gola degişli ýeke görkeziji hem gazanyp bilmedi. Geçen möwsümde köpüsi ätiýaçdan 37 oýunda meýdança çykypdy we 7 gol geçirip, 1 asist edipdi.

## PREMIER LEAGUE (18) — 22 gol

**M. Ýunaýted—Nýukasl: 1–0** (Dorgu 24), **N. Forest—Man. Siti: 1–2** (Hatçinson 54 — Reýnders 48, Şerki 83), **Arsenal—Braýton: 2–1** (Edegor 14, Rütter 52 ö.d. — Gomes 64), **Börnli—Ewerton: 0–0, Brentford—Bornmut: 4–1** (Kewin Şade 7, 51, 90+6, Petrowiç 39 ö.d. — Semenýo 75), **West Ham—Fulham: 0–1** (Himenes 85), **Liwerpul—Wulwerhempton: 2–1** (Grawenberh 41, Wirts 42 — Bueno 51), **Çelsi—Aston Willa: 1–2** (Žoao Pedro 37 — Wotkins 63, 84), **Sanderland—Lids: 1–1** (Adingra 28 — Kalwert-Lýuwin 47), **Kristal Palas—Tottenham: 0–1** (Greý 42)

## SERIE A (17) — 23 gol

**Parma—Fiorentina: 1–0** (Sorensen 48), **Leççe—Komo: 0–3** (Paz 20, Ramon 66, Duwikas 75), **Torino—Kaliari: 1–2** (Wlaşiç 28 — Prati 45, Kylyçsoý 66), **Udineze—Lasio: 1–1** (Dewis 90+5 — Wesino 80), **Pisa—Ýuwentus: 0–2** (Kalulu 73, Ýyldyz 90+2), **Milan—Werona: 3–0** (Pulişiç 45+1, Nkunku 48 p, 53), **Kremoneze—Napoli: 0–2** (Heýlunn 13, 45), **Bolonýa—Sassuolo: 1–1** (Fabbian 46 — Muharemowiç 63), **Atalanta—Inter: 0–1** (Martines 65), **Roma—Jenoa: 3–1** (Sule 14, Kone 19, Feguson 31 — Ehator 87)

ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 19 | 14 | 3 | 2 | 37-12 | 45 |
| 2 | MAN. SITI | 18 | 13 | 1 | 4 | 43-17 | 40 |
| 3 | ASTON WILLA | 19 | 12 | 3 | 4 | 30-23 | 39 |
| 4 | ÇELSI | 18 | 10 | 2 | 6 | 30-26 | 32 |
| 5 | LIWERPUL | 19 | 8 | 6 | 5 | 32-21 | 30 |
| 6 | M. ÝUNAÝTED | 19 | 8 | 6 | 5 | 33-29 | 30 |
| 7 | SANDERLAND | 18 | 7 | 7 | 4 | 20-18 | 28 |
| 8 | EWERTON | 19 | 8 | 4 | 7 | 20-20 | 28 |
| 9 | BRENTFORD | 18 | 8 | 2 | 8 | 28-26 | 26 |
| 10 | NÝUKASL | 19 | 7 | 5 | 7 | 26-24 | 26 |
| 11 | KRISTAL PALAS | 18 | 7 | 5 | 6 | 21-20 | 26 |
| 12 | FULHAM | 18 | 8 | 2 | 8 | 25-26 | 26 |
| 13 | TOTTENHAM | 18 | 7 | 4 | 7 | 27-23 | 25 |
| 14 | BRAÝTON | 19 | 6 | 7 | 6 | 28-27 | 25 |
| 15 | BORNMUT | 19 | 5 | 8 | 6 | 29-35 | 23 |
| 16 | LIDS | 18 | 5 | 5 | 8 | 25-32 | 20 |
| 17 | N. FOREST | 19 | 5 | 3 | 11 | 18-30 | 18 |
| 18 | WEST HAM | 19 | 3 | 5 | 11 | 21-38 | 14 |
| 19 | BÖRNLI | 19 | 3 | 3 | 13 | 20-37 | 12 |
| 20 | W. HEMPTON | 19 | 0 | 3 | 16 | 11-40 | 3 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 19 |
| 2 | Igor TIAGO (Brentford) | 11 |
| 3 | Antuan SEMENÝO (Bornmut) | 9 |
| 4 | Hugo EKITIKE (Liwerpul) | 8 |
| 5 | Danni WELBEK (Braýton) | 8 |

ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 16 | 12 | 0 | 4 | 35-14 | 36 |
| 2 | MILAN | 16 | 10 | 5 | 1 | 27-13 | 35 |
| 3 | NAPOLI | 16 | 11 | 1 | 4 | 24-13 | 34 |
| 4 | ROMA | 17 | 11 | 0 | 6 | 20-11 | 33 |
| 5 | ÝUWENTUS | 17 | 9 | 5 | 3 | 23-15 | 32 |
| 6 | KOMO | 16 | 7 | 6 | 3 | 22-12 | 27 |
| 7 | BOLONÝA | 16 | 7 | 5 | 4 | 24-14 | 26 |
| 8 | LASIO | 17 | 6 | 6 | 5 | 18-12 | 24 |
| 9 | SASSUOLO | 17 | 6 | 4 | 7 | 22-21 | 22 |
| 10 | ATALANTA | 17 | 5 | 7 | 5 | 20-19 | 22 |
| 11 | UDINEZE | 17 | 6 | 4 | 7 | 18-28 | 22 |
| 12 | KREMONEZE | 17 | 5 | 6 | 6 | 18-20 | 21 |
| 13 | TORINO | 17 | 5 | 5 | 7 | 17-28 | 20 |
| 14 | KALIARI | 17 | 4 | 6 | 7 | 19-24 | 18 |
| 15 | PARMA | 16 | 4 | 5 | 7 | 11-18 | 17 |
| 16 | LEÇÇE | 16 | 4 | 4 | 8 | 11-22 | 16 |
| 17 | JENOA | 17 | 3 | 5 | 9 | 17-27 | 14 |
| 18 | WERONA | 16 | 2 | 6 | 8 | 13-25 | 12 |
| 19 | PISA | 17 | 1 | 8 | 8 | 12-24 | 11 |
| 20 | FIORENTINA | 17 | 1 | 6 | 10 | 17-28 | 9 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 9 |
| 2 | Kristian PULIŞIÇ (Milan) | 8 |
| 3 | Hakan ÇALHANOGLU (Inter) | 6 |
| 4 | Rikkardo ORSOLINI (Bolonýa) | 6 |
| 5 | Niko PAZ (Komo) | 6 |

# Çempionlyk ugrunda ýiti göreş dowam edýär









Angliýanyň çempionatynda öňdebaryjy 4 topar 18-nji tapgyrda 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Sanawyň lideri «Arsenal» Londondan «Braýtony» Edegoryň, şol sanda Rütteriň awtogoly bilen 2–1 hasabynda ýeňmegi başardy. «Arsenala» soňky oýunlarda 4-nji gezek awtogolyň kömegi degdi. Şol hasap bilen «Mançester Siti» hem myhmançylykda «Nottingam Foresti» ýeňip, oýunda şäherlileriň gollaryny Reýnders bilen Şerki öz atlaryna ýazdyrdylar. Londonda oýnalan duşuşykda «Aston Willa» topary ýerli «Çelsini» 2–1 hasabynda ýeňip, 111 ýyldan soň bassyr 11 duşuşykda ýeňiş gazandy. Çempionatda 8 oýundan bäri ýeňiş gazanyp gelýän birmingemlileriň gollarynyň ikisini hem oýna soň giren Olie Watkins derweze girizdi. Duşuşykda öňe saýlanan «Çelsiniň» goluny Žoao Pedro öz adyna ýazdyrdy. Soňky çempion «Liwerpul» hem iň aşaky orunda barýan we entek ýeňşi bolmadyk «Wulwerhemptony» Grawenber bilen täze transfer Wirtsiň gollary esasynda 2–1 hasabynda utdy. Wirts «Liwerpulyň» düzüminde ilkinji gezek tapawutlandy. «Mançester Ýunaýted» topary öz meýdançasynda «Nýukasly» 1–0 hasabynda ýeňip, duşuşykdaky ýeke-täk goly 24-nji minutda Dorgu geçirdi. «Brentfordyň» öz meýdançasynda «Bornmuty» 4–1 hasabynda ýeňen oýnunda ýer eýeleriniň gollarynyň 3-sini Kewin Şade derweze girizdi. London derbilerinde myhmançylykda oýnan toparlar iň kiçi hasaplar bilen ýeňiş gazanyp, «Fulham» «West Hamy», «Tottenham» «Kristal Palasy» degişlilikde, Himenesiň hem-de Greýiň gollary esasynda utdy.

**111 ýyllyk rekordy täzelemek başartmady**

● Angliýanyň çempionatynda 19-njy tapgyrda-da ähli ýaryşlarda 11 oýundan bäri garşydaşlaryndan üstün çykyp gelýän «Aston Willanyň» bu ýeňişli ýörişini «Arsenal» duruzdy. Londonda oýnalan oýunda «Arsenal» güýçli garşydaşynyň 111 ýyllyk klub rekordyny täzelemegine ygtyýar bermedi. 4–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Arsenalyň» gollaryny Gabriel, Zubimendi, Trossar hem-de Gabriel Žesus geçirdi. «Nýukasl» myhmançylykda «Börnliden» 3–1 hasabynda üstün çykmagy başardy. «Mançester Ýunaýted» bolsa öz meýdançasynda «Wulwerhempton» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady.

***19-njy tapgyryň netijeleri:*** Börnli—Nýukasl: 1–3, West Ham—Braýton: 2–2, N. Forest—Ewerton: 0–2, Çelsi—Bornmut: 2–2, Arsenal—A. Willa: 4–1, M. Ýunaýted—Wulwerhempton: 1–1, K. Palas—Fulham, Liwerpul—Lids, Brentford—Tottenham, Sanderland—Man. Siti

**Italiýanyň çempionatynda** 2025-nji ýyly «Inter» liderlikde tamamlar. Olar Lombardi derbisinde myhmançylykda «Atalantany» Lautara Martinesiň 65-nji minutda geçiren ýeke-täk goly esasynda ýeňlişe sezewar etdi. 2-nji ýerdäki «Milan» öz meýdançasynda «Werona» toparyndan 3–0 hasabynda üstün çykyp, gollary 1-nji ýarymyň ahyrynda we 2-nji ýarymyň başynda Pulişiç bilen «Serie A»-da ilkinji gezek tapawutlanan Nkunku (2) geçirdi. Çempion «Napoli» topary-da myhmançylykda «Kremoneze» toparyny Hoýlunnyň gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňdi. «Ýuwentus» topary-da myhmançylykda «Pisa» toparyny Kalulu hem-de Ýyldyzyň gollary bilen 2–0 hasabynda utdy.




**2-nji ýanwar (anna)**
**Al-Ahli – Al-Nassr (22:30)**
Kaliari – Milan (00:45)

**3-nji ýanwar (şenbe)**
**Seltik – Reýnjers (17:30)**
A. Willa – N. Forest (17:30)
Monako – Lion (21:00)
Ýuwentus – Leççe (22:00)
**Bornmut – Arsenal (22:30)**
**Atalanta – Roma (00:45)**
**Espanýol – Barselona (01:00)**

**4-nji ýanwar (ýekşenbe)**
**Lasio – Napoli (16:30)**
Lids – M. Ýunaýted (17:30)
**Tottenham – Sanderland (20:00)**
**Fulham – Liwerpul (20:00)**
**Real Madrid – Betis (20:15)**
**Man. Siti – Çelsi (22:30)**
**Inter – Bolonýa (00:45)**
**PSŽ – Pariž (00:45)**
R. Sosiedad – Atletiko (01:00)

**6-njy ýanwar (sişenbe)**
Roma – Leççe (22:00)
Sassuolo – Ýuwentus (00:45)

**7-nji ýanwar (çarşenbe)**
Napoli – Werona (22:30)
**Barselona – Atletik B (00:00)**
**Man. Siti – Braýton (00:30)**
Fulham – Çelsi (00:30)
Parma – Inter (00:45)
Börnli – M. Ýunaýted (01:15)

**8-nji ýanwar (penşenbe)**
**PSŽ – Marsel (23:00)**
**Atletiko – Real Madrid (00:00)**
Milan – Jenoa (00:45)
**Arsenal – Liwerpul (01:00)**

# Ýylyň garaşylýan filmleri – 1

130 ýyllyk taryhy bolan kino sungatynda her ýyl bolşy ýaly, 2026-njy ýylda-da ençeme filmler ekranlara çykar. Edil geçen ýyllardaky ýaly, ýene-de ozalky ekran eserleriň dowamy bolan kinolar, edebiýat eserleri esasynda surata düşürilenler, meşhur režissýorlaryň täze taslamalary, animasiýalar, edebi eserlere esaslanmaýan ssenarilere salgylanylanlar, gaýtadan ekranlaşdyrylanlar we ş.m. görnüşdäki filmler 2026-njy ýylda kinoteatrlaryň, şol sanda platformalaryň tekjelerini bezär. Bilermenleriň pikirine görä, 2025-nji ýylda juda şowly filmler çykdy. 2026-njy ýylda çykjak filmler geçen ýylkylardan hem has gowy bolar diýip, tama edýänleriň sany köp. Täze ýylda, esasan hem, fantastik we ylmy-fantastik görnüşdäki filmler öňe saýlanýar. Käbir meşhur režissýorlaryň filmleriniň bir ýyla gabat gelmegi-de kino muşdaklaryny şu wagtdan tolgundyrýar. Şeýle-de, ýylyň iň köp garaşylýan 5-6 filminiň ikisiniň bir günde prokata çykmagy täze aýtgy döretdi. Ýagny ýylyň ahyrynda, hemmäniň sabyrsyzlyk bilen garaşýan «Avengers: Doomsday» filmi bilen «Dune: Part Three» filminiň bir günde, has takygy, 18-nji dekabrda kinoteatrlara goýberiljekdigi «Dunesday» diýen sözüň döremegine sebäp boldy.

Mundan öň 2023-nji ýylda «Oppenheimer» bilen «Barbie» kinolarynyň bir günde ekranlara çykmagyndan soň «Barbenheimer» diýen söz döräpdi. Iki film hem prokatlardan ep-esli girdeji toplapdy.

«Dunesday» adalgasynyň hem iki filme-de, esasan hem, «Avengers: Doomsday» kinosyna prokatlarda has uly üstünlik getirmegine garaşylýar. Käbir çeşmelerde «Dune: Part Three» filminiň ekranlara çykjak gününiň üýtgedilmegine garaşylýandygy hem bellenilýär.

Gazetimiziň täze ýyldaky ilkinji sanynda garaşylan kinolaryň iň esaslaryny siziň dykgatyňyza ýetirmegi makul gördük.

**«28 Years Later: The Bone Temple»**

● 2002-nji ýylda ussat režissýor Denni Boýl tarapyndan «28 günden soň» filmi bilen başy başlanan bu seriýanyň 4-nji we häzirlikçe iň soňky kinosyna Nia DaKosta režissýorlyk edýär. Ýanwar aýynda görkeziljek filmde baş keşbi Raýf Faýnes ýerine ýetirýär.

**«Wuthering Heights»**

● Ozalam telim gezek ekranlaşdyrylan Emili Bronteniň meşhur eseri esasyndaky täze filmde bu gezek kameranyň arkasyna zenan režissýor Emeral Fennell geçýär. Filmde häzirki zamanyň meşhur 2 ýyldyzy – Margo Robbi bilen Jeýkob Elordi baş keşpleri ýerine ýetirýär. «Warner Bros.» studiýasynyň önümi bolan film 13-nji fewralda ekranlara çykar.

**«The Bride»**

● Aýratynam, kinotankytçylaryň sabyrsyzlyk bilen garaşýan filmleriniň biri bolan «Gelin» kinosyna tanymal aktrisa Meggi Jillenhol režissýorlyk edip, bu ekran eseri Frankenşteýn temasyna degişlidir. Meggi Jillenholyň ikinji režissýorlyk işi bolan filmde Jessi Bakli, Kristian Beýl, Piter Sarsgaard, Penelope Kruz, Annette Benning hem-de režissýoryň jigisi Jeýk Jillenhol dürli keşplerde surata düşýär. Film 6-njy martda prokatlara goýberiler.

**«Project Hail Mary»**

● Fil Lord bilen Kris Milleriň bilelikde režissýorlyk etjek bu filminde baş keşpler Raýan Gosling bilen Sandra Hüllere tabşyryldy. Ylmy-fantastik görnüşdäki filmiň ekranlara çykjak wagty 20-nji mart diýlip bellenildi.

**«The Drama»**

● Soňky ýyllarda önümçiligindäki filmler bilen öňe saýlanýan «A24» studiýasynyň garaşylýan täze kinosy «Drama» diýlip atlandyrylýar. Kristoffer Borgliniň režissýorlygyndaky kino 3-nji aprelde prokatlara çykyp, onda Zendeýa bilen Robert Pattinson baş keşpleri janlandyrýar.

**«Michael»**

● Aslynda, geçen ýyl ekranlara çykmaly edilen, ýöne käbir sebäplere görä, şu ýyla geçirilen «Maýkl» filmi 24-nji aprelde kinoteatrlarda görkezilip başlanar. Popuň şasy hasaplanýan merhum Maýkl Jekson baradaky filme ussat režissýor Antuan Fukua režissýorlyk edýär we ekran eserinde baş keşbi Maýkl Peksonyň ýegeni Jaafar Jekson ýerine ýetirýär.

**«The Devil Wears Prada 2»**

● Ilkinjisinden 20 ýyl soň ekranlara çykjak «Şeýtan Prada geýýär 2» filmi kino muşdaklaryny tolgundyrýan eserleriň biri bolup, ol 1-nji maýda prokatlarda ornuny tapar. Moda älemine täzeçe garaýyş getiren filmde ýene-de Meril Strip, Enn Heteweý, Emili Blant, Stanli Tukki, Kennet Brana ýaly 1-nji kinoda-da çykyş eden artistler esasy keşpleri janlandyrýar. Filmiň režissýory-da üýtgemedi we Dewid Frankl ýene-de kameranyň arka tarapyna geçýär.




**«The Mandalorian & Grogu»**

● Maý aýynyň 22-sine ekranlara çykjak «Ýyldyz söweşleri» älemine degişli «Mandalores we Grogu» serialyndan esaslanylyp taýýarlanan adybir filme Jon Fawro režissýorlyk edip, Pedro Paskal, Jeremi Allen-Waýt, Sigorni Wiwer ýaly belli artistler esasy keşpleri janlandyrýar.

**«Disclosure Day»**

● Häzirki zaman kino sungatynyň ägirt režissýorlaryndan Stiwen Spilbergiň has ökde ugry bolan ylmy-fantastik görnüşdäki täze kinosy «Disclosure Day» diýlip atlandyrylýar. Režissýor 12-nji iýunda kinoteatrlara ýaýradyljak filmi üçin esasy keşpleri Emili Blant, Joş O'Konnor, Kolin Fört, Kolman Domingo, Iý Hewson daga ynandy.

**«The Odyssey»**

● Belki-de, ýylyň iň köp garaşylýan 1-nji ýa-da 2-nji kinosy hasaplanýan «Odisseý» filmi 17-nji iýulda ekranlara çykar. Gomeriň meşhur eseri esasynda ekranlaşdyrylýan filme Kristofer Nolan režissýorlyk edýär. «Universal» studiýasynyň önümi bolan filmde Mett Deýmon, Tom Holland, Enn Heteweý, Robert Pattinson, Lupita Nýong'o, Zendeýa, Şarliz Teron ýaly «Hollywood»-yň tanymal ýyldyzlary esasy keşplerde surata düşýär. Peteklериniň belli bir bölegi kinonyň ekranlara çykjak gününden 1 ýyl öň satuwa çykarylan film tutuşlygyna IMAX kameralary bilen surata düşürilen ilkinji iri taslama bolar.

**«Supergirl»**

● Tomsuň jöwzaly günlerinde kino muşdaklaryna serginlik paýlajak filmleriň ýene biri-de «DC United» bilen «Warner Bros.»-uň bilelikdäki önümi bolan «Supergirl» kinosydyr. DC äleminiň özboluşly gahrymanynyň solo görnüşdäki ilkinji kinosyna Kreýg Žillespi režissýorlyk edýär. 26-njy iýunda ekranlara çykjak filmde baş keşbi Milli Alkok janlandyrýar. Şeýle-de oňa Mattias Şoenarts, Iw Ridli, Jeýson Mamoa, Emili Bikam ýaly artistler ýoldaşlyk edýär.

**«Spider Man: Brand New Day»**

● Tomus paslynda ýene bir super gahryman filmi ekranlardaky ornuny alar. «Columbia Pictures» bilen «Marvel»-iň bilelikdäki önümi bolan «Möý adam: brend täze gün» filmi 31-nji iýulda prokatlara ýaýradylar. Destin Daniel Krettonyň režissýorlygyndaky filmde Tom Holland, Zendeýa, Jeýkob Batalon, Jon Berntal, Mark Ruffalo ýaly artistler surata düşýär.

**«Sense and Sensibility»**

● Meşhur iňlis ýazyjysy Jeýn Osteniň dünýä belli romany esasyndaky adybir film 30 ýyldan soň täze görnüşde ekranlara çykýar. Ýaş zenan režissýor tarapyndan surata düşürilýän kinoda baş keşpleri Deýzi Edgar-Jons, Esme Krid-Maýlz, Kaitriona Balfe janlandyrýar. Film 11-nji sentýabrda ekranlara paýlanar.

**«Avengers: Doomsday»**

● Soňky ýyllardaky kinolary bilen öz muşdaklaryny doly derejede kanagatlandyrmaýan «Marvel» studiýasynyň «Avengers: Doomsday» filmi ýylyň iň köp garaşylýan ekran eseri hasaplanýar. Doganlar Antoni we Jou Russolaryň režissýorlyk edýän filminde «Marvel»-iň hyýaly gahrymanlarynyň tas ählisi diýen ýaly bir ýere jemlenýär. Kris Ewans, Kris Hemswort, Wanessa Körbi, Antoni Mäki, Sebastian Stan, Pol Rudd, Florens Pýu, Pedro Paskal, Tom Hiddlstoun, Robert Dawni Junior dagy kinodaky esasy artistler bolup, film 18-nji dekabrda ekranlara çykar. Filmiň «Marvel» kinematografik äleminiň abraýyny täzeden aýaga galdyrmagyna garaşylýar.

**«Dune: Part Three»**

● Başda-da belleýşimiz ýaly, «Avengers: Doomsday» filmi bilen bir günde ekranlara çykjak «Dýuna» filminiň 3-nji kinosyna hem Deni Willnýow režissýorlyk edýär. «Warner Bros.» studiýasynyň önümçiligindäki filmde-de meşhur ýyldyzlar Timoti Şalame, Zendeýa, Florens Pýu, Jeýson Mamoa, Joş Brolin, Rebekka Ferguson, Anýa Taýlor-Joý, Robert Pattinson dagy surata düşer.

## Fransuz kino sungatynyň meşhur ýyldyzydy





Kino sungatynyň esaslandyrylmagynyň 130 ýyllyk ýubileý gününde 7-nji sungatyň watanyndan gynandyryjy habar gelip gowuşdy. Ýagny kino sungatynyň görnükli wekillerinden ençemesiniň aradan çykan 2025-nji ýylyň soňky günlerinde ýene bir ýyldyz söndi. Fransuz kino sungatynyň dünýä belli wekili, tanymal aktrisa, şol sanda aýdymçy Brijit Bardo (Brigette Bardot) 91 ýaşynda aradan çykdy.

1934-nji ýylyň 28-nji sentýabrynda Parižde dünýä inen Brijit Bardo 1950–1960-njy ýyllaryň iň meşhur ýyldyzydy. Çagalykda baletde çykyş eden Bardo 15 ýaşynda meşhur moda žurnallarynyň biriniň sahabyny bezäp, kökleriň ünsüni özüne çekýär. 1952-nji ýylda kino sungatyna aralaşan aktrisa 1956-njy ýylda Rože Wadimiň režissýorlyk eden «Taňry zenany ýaratdy» (Et Dieu... créa la femme) filmi tutuş dünýäde uly meşhurlyk gazanýar. 40-dan gowrak filmde surata düşen aktrisa romantik komediýa görnüşli filmler bilen adygyp, ol Lui Malle, Žan-Luk Godar, Anri-Žorž Kloze ýaly ussat režissýorlaryň filmlerinde surata düşýär we Täze akymyň nyşanlarynyň birine öwrülýär.

Onuň «Söýgi mekdebi» (Futures vedettes, 1955), «Hakykat» (La Verite, 1960), «Ýigrenç» (Le Mephris, 1963), «Sentýabryň iki hepdesi» (A coeur joie, 1967), «Hollywood»-da bolsa «Ýaşa Mariýa» (Viva Maria!, 1965), «Şalako» (Shalako, 1968) ýaly kinolary belli ekran eserleridir.

Bardo 39 ýaşynda aşa şöhratdan ýadap, kino sungatyny taşlaýar we galan ömrüni haýwan hukuklaryny goramaga bagyş edýär. Ol şu maksat bilen 1986-njy ýylda Brijit Bardo gaznasyny esaslandyrýar.



# 2026-njy MILADY we 1447 – 1448-nji HIJRI-KAMARY ýyllarynyň senenamasy

| | ÝANWAR | | | | | REJEP – MERET | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 5 | 16 | 12 | 23 | 19 | 30 | 26 | 7 |
| Si | | | 6 | 17 | 13 | 24 | 20 | 1 | 27 | 8 |
| Ça | | | 7 | 18 | 14 | 25 | 21 | 2 | 28 | 9 |
| Pe | 1 | 12 | 8 | 19 | 15 | 26 | 22 | 3 | 29 | 10 |
| An | 2 | 13 | 9 | 20 | 16 | 27 | 23 | 4 | 30 | 11 |
| Şe | 3 | 14 | 10 | 21 | 17 | 28 | 24 | 5 | 31 | 12 |
| Ýe | 4 | 15 | 11 | 22 | 18 | 29 | 25 | 6 | | |

| | FEWRAL | | | | | MERET – ORAZA | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 2 | 14 | 9 | 21 | 16 | 28 | 23 | 6 |
| Si | | | 3 | 15 | 10 | 22 | 17 | 29 | 24 | 7 |
| Ça | | | 4 | 16 | 11 | 23 | 18 | 1 | 25 | 8 |
| Pe | | | 5 | 17 | 12 | 24 | 19 | 2 | 26 | 9 |
| An | | | 6 | 18 | 13 | 25 | 20 | 3 | 27 | 10 |
| Şe | | | 7 | 19 | 14 | 26 | 21 | 4 | 28 | 11 |
| Ýe | 1 | 13 | 8 | 20 | 15 | 27 | 22 | 5 | | |

| | MART | | | | | ORAZA – BAÝRAM | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 2 | 13 | 9 | 20 | 16 | 27 | 23 | 4 | 30 | 11 |
| Si | | | 3 | 14 | 10 | 21 | 17 | 28 | 24 | 5 | 31 | 12 |
| Ça | | | 4 | 15 | 11 | 22 | 18 | 29 | 25 | 6 | | |
| Pe | | | 5 | 16 | 12 | 23 | 19 | 30 | 26 | 7 | | |
| An | | | 6 | 17 | 13 | 24 | 20 | 1 | 27 | 8 | | |
| Şe | | | 7 | 18 | 14 | 25 | 21 | 2 | 28 | 9 | | |
| Ýe | 1 | 12 | 8 | 19 | 15 | 26 | 22 | 3 | 29 | 10 | | |

| | APREL | | | | | BAÝRAM – BOŞ aý | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 6 | 18 | 13 | 25 | 20 | 3 | 27 | 10 |
| Si | | | 7 | 19 | 14 | 26 | 21 | 4 | 28 | 11 |
| Ça | 1 | 13 | 8 | 20 | 15 | 27 | 22 | 5 | 29 | 12 |
| Pe | 2 | 14 | 9 | 21 | 16 | 28 | 23 | 6 | 30 | 13 |
| An | 3 | 15 | 10 | 22 | 17 | 29 | 24 | 7 | | |
| Şe | 4 | 16 | 11 | 23 | 18 | 1 | 25 | 8 | | |
| Ýe | 5 | 17 | 12 | 24 | 19 | 2 | 26 | 9 | | |

| | MAÝ | | | | | BOŞ aý – GURBAN | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 4 | 17 | 11 | 24 | 18 | 1 | 25 | 8 |
| Si | | | 5 | 18 | 12 | 25 | 19 | 2 | 26 | 9 |
| Ça | | | 6 | 19 | 13 | 26 | 20 | 3 | 27 | 10 |
| Pe | | | 7 | 20 | 14 | 27 | 21 | 4 | 28 | 11 |
| An | 1 | 14 | 8 | 21 | 15 | 28 | 22 | 5 | 29 | 12 |
| Şe | 2 | 15 | 9 | 22 | 16 | 29 | 23 | 6 | 30 | 13 |
| Ýe | 3 | 16 | 10 | 23 | 17 | 30 | 24 | 7 | 31 | 14 |

| | IÝUN | | | | | GURBAN – AŞYR | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | 1 | 15 | 8 | 22 | 15 | 29 | 22 | 7 | 29 | 14 |
| Si | 2 | 16 | 9 | 23 | 16 | 1 | 23 | 8 | 30 | 15 |
| Ça | 3 | 17 | 10 | 24 | 17 | 2 | 24 | 9 | | |
| Pe | 4 | 18 | 11 | 25 | 18 | 3 | 25 | 10 | | |
| An | 5 | 19 | 12 | 26 | 19 | 4 | 26 | 11 | | |
| Şe | 6 | 20 | 13 | 27 | 20 | 5 | 27 | 12 | | |
| Ýe | 7 | 21 | 14 | 28 | 21 | 6 | 28 | 13 | | |

| | IÝUL | | | | | AŞYR – SAPAR | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 6 | 21 | 13 | 28 | 20 | 6 | 27 | 13 |
| Si | | | 7 | 22 | 14 | 29 | 21 | 7 | 28 | 14 |
| Ça | 1 | 16 | 8 | 23 | 15 | 1 | 22 | 8 | 29 | 15 |
| Pe | 2 | 17 | 9 | 24 | 16 | 2 | 23 | 9 | 30 | 16 |
| An | 3 | 18 | 10 | 25 | 17 | 3 | 24 | 10 | 31 | 17 |
| Şe | 4 | 19 | 11 | 26 | 18 | 4 | 25 | 11 | | |
| Ýe | 5 | 20 | 12 | 27 | 19 | 5 | 26 | 12 | | |

| | AWGUST | | | | | SAPAR – 4 TIRK.1 | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 3 | 20 | 10 | 27 | 17 | 4 | 24 | 11 | 31 | 18 |
| Si | | | 4 | 21 | 11 | 28 | 18 | 5 | 25 | 12 | | |
| Ça | | | 5 | 22 | 12 | 29 | 19 | 6 | 26 | 13 | | |
| Pe | | | 6 | 23 | 13 | 30 | 20 | 7 | 27 | 14 | | |
| An | | | 7 | 24 | 14 | 1 | 21 | 8 | 28 | 15 | | |
| Şe | 1 | 18 | 8 | 25 | 15 | 2 | 22 | 9 | 29 | 16 | | |
| Ýe | 2 | 19 | 9 | 26 | 16 | 3 | 23 | 10 | 30 | 17 | | |

| | SENTÝABR | | | | | 4 TIRK.1 – 4 TIRK.2 | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 7 | 25 | 14 | 3 | 21 | 10 | 28 | 17 |
| Si | 1 | 19 | 8 | 26 | 15 | 4 | 22 | 11 | 29 | 18 |
| Ça | 2 | 20 | 9 | 27 | 16 | 5 | 23 | 12 | 30 | 19 |
| Pe | 3 | 21 | 10 | 28 | 17 | 6 | 24 | 13 | | |
| An | 4 | 22 | 11 | 29 | 18 | 7 | 25 | 14 | | |
| Şe | 5 | 23 | 12 | 1 | 19 | 8 | 26 | 15 | | |
| Ýe | 6 | 24 | 13 | 2 | 20 | 9 | 27 | 16 | | |

| | OKTÝABR | | | | | 4 TIRK.2 – 4 TIRK.3 | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 5 | 24 | 12 | 1 | 19 | 8 | 26 | 15 |
| Si | | | 6 | 25 | 13 | 2 | 20 | 9 | 27 | 16 |
| Ça | | | 7 | 26 | 14 | 3 | 21 | 10 | 28 | 17 |
| Pe | 1 | 20 | 8 | 27 | 15 | 4 | 22 | 11 | 29 | 18 |
| An | 2 | 21 | 9 | 28 | 16 | 5 | 23 | 12 | 30 | 19 |
| Şe | 3 | 22 | 10 | 29 | 17 | 6 | 24 | 13 | 31 | 20 |
| Ýe | 4 | 23 | 11 | 30 | 18 | 7 | 25 | 14 | | |

| | NOÝABR | | | | | 4 TIRK.3 – 4 TIRK.4 | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 2 | 22 | 9 | 29 | 16 | 6 | 23 | 13 | 30 | 20 |
| Si | | | 3 | 23 | 10 | 30 | 17 | 7 | 24 | 14 | | |
| Ça | | | 4 | 24 | 11 | 1 | 18 | 8 | 25 | 15 | | |
| Pe | | | 5 | 25 | 12 | 2 | 19 | 9 | 26 | 16 | | |
| An | | | 6 | 26 | 13 | 3 | 20 | 10 | 27 | 17 | | |
| Şe | | | 7 | 27 | 14 | 4 | 21 | 11 | 28 | 18 | | |
| Ýe | 1 | 21 | 8 | 28 | 15 | 5 | 22 | 12 | 29 | 19 | | |

| | DEKABR | | | | | 4 TIRK.4 – REJEP | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 7 | 27 | 14 | 5 | 21 | 12 | 28 | 19 |
| Si | 1 | 21 | 8 | 28 | 15 | 6 | 22 | 13 | 29 | 20 |
| Ça | 2 | 22 | 9 | 29 | 16 | 7 | 23 | 14 | 30 | 21 |
| Pe | 3 | 23 | 10 | 1 | 17 | 8 | 24 | 15 | 31 | 22 |
| An | 4 | 24 | 11 | 2 | 18 | 9 | 25 | 16 | | |
| Şe | 5 | 25 | 12 | 3 | 19 | 10 | 26 | 17 | | |
| Ýe | 6 | 26 | 13 | 4 | 20 | 11 | 27 | 18 | | |